TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– EDERMEN GALLAÇY, PAGTAÇY DAÝHANLARYMYZ DÖWLET TARAPYNDAN BERILÝÄN KÖMEK-GOLDAWLARYŇ NETIJESINDE BEREKETLI TÜRKMEN TOPRAGYNDAN BOL HASYL ÖNDÜRMEKDE ÄHLI GUJUR-GAÝRATYNY GAÝGYRMAN, AK ÝÜREKDEN, HALAL ZÄHMET ÇEKÝÄRLER.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN
12-nji iýun, 2026. Belgisi 24/1694



# OBA HOJALYGYNDA MÖWSÜMLEÝIN IŞLER GYZGALAŇLY DOWAM EDÝÄR

**8-nji iýunda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda sanly ulgam arkaly iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynda we sebitlerde alnyp barylýan işler bilen baglanyşykly meselelere garaldy.**

Ilki bilen, welaýatlaryň häkimleri sebitlerdäki möwsümleýin oba hojalyk işleri barada hasabat berdiler.

Bellenilişi ýaly, sebitlerde galla oragyna guramaçylykly girişilip, ýetişdirilen hasyly ýitgisiz ýygnap almak, galla kabul ediş kärhanalarynda bökdençsiz kabul etmek boýunça zerur çäreler görülýär. Şunda oba hojalyk tehnikalary doly güýjünde işledilýär. Welaýatlaryň gowaça ekilen meýdanlarynda hatarara bejergi, mineral dökünler bilen iýmitlendirmek, ösüş suwuny tutmak işleri ýerine ýetirilýär. Ýurdumyzda azyk bolçulygyny has-da pugtalandyrmak boýunça öňde goýlan wezipelerden ugur alnyp, ekerançylyk meýdanlarynda ýazlyk ekinlere ideg etmek, ýeralmanyň we gök-bakja ekinleriniň hasylyny ýygnap almak işleri alnyp barylýar. Şeýle hem häkimler Oba milli maksatnamasyna laýyklykda, şu ýyl welaýatlarda açylyp ulanmaga berilmegi meýilleşdirilýän desgalardaky gurluşyk işleriniň barşy barada hasabat berdiler.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, galla oragynyň guramaçylykly geçirilmegini, welaýatlaryň gowaça meýdanlaryndaky ideg işleriniň agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ýerine ýetirilmegini ileri tutulýan wezipeleriň hatarynda belledi we bu işleri gözegçilikde saklamagy tabşyrdy. Şeýle hem döwlet Baştutanymyz Oba milli maksatnamasynyň çäklerinde welaýatlarda amala aşyrylýan işleriň öz wagtynda, ýokary hilli ýerine ýetirilmegini üpjün etmegi tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew ýurdumyzyň oba hojalygynda dowam edýän möwsümleýin işler barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, Diýarymyzda ýetişdirilen bugdaý hasylyny gysga wagtda, ýitgisiz ýygnap almak boýunça işler dowam edip, möwsümde oba hojalyk tehnikalaryny netijeli işletmek, ýygnalan hasyly galla kabul ediş kärhanalarynda bökdençsiz kabul etmek üçin zerur çäreler görülýär. Welaýatlaryň gowaça ekilen meýdanlarynda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda degişli ideg işleri ýerine ýetirilýär. Ýurdumyzyň ekerançylyk meýdanlarynda ýazlyk ekinlere ideg etmek, ýetişdirilen hasyly ýygnap almak işleri alnyp barylýar. Şunuň bilen birlikde, Daşoguz welaýatynda şaly ekişi dowam edip, Lebap welaýatynda onuň ekiş möwsümine taýýarlyk işleri ýerine ýetirilýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýetişdirilen bugdaý hasylyny ýygnap almak boýunça işleriň hem-de gowaça ideg işleriniň bellenen kadalara laýyklykda ýokary hilli geçirilmeginiň, Daşoguz we Lebap welaýatlarynda şalynyň bol hasylyny ösdürip ýetişdirmek üçin zerur çäreleri görmegiň möhümdigini belledi hem-de wise-premýere bu ugurda alnyp barylýan işleri yzygiderli gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Soňra döwlet Baştutanymyz iş maslahatyna gatnaşyjylara ýüzlenip, häzirki wagtda ýurdumyzyň oba hojalygynda dowam edýän möwsümleýin işlere ýene-de bir gezek ünsi çekdi hem-de bu jogapkärli möwsümi ýokary hilli we öz wagtynda geçirmek üçin toplumlaýyn çäreleri görmegi tabşyrdy.

## Türkmenistanda Finlýandiýa Respublikasynyň Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi işe başlady

**10-njy iýunda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň tabşyrygy boýunça Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa Finlýandiýa Respublikasynyň Türkmenistanda täze bellenilen Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Maria Agreden ynanç hatyny kabul etdi.**

Milli parlamentiň ýolbaşçysy diplomaty jogapkärli wezipä bellenilmegi bilen döwlet Baştutanymyzyň adyndan gutlap, iki ýurduň arasyndaky dostlukly gatnaşyklary ösdürmek işinde üstünlikleri arzuw etdi.

Ilçi türkmen topragynda mähirli garşylanandygy üçin hoşallyk bildirip, Finlýandiýa Respublikasynyň Prezidenti Aleksandr Stubbuň hormatly Prezidentimize iberen mähirli salamyny, iň gowy arzuwlaryny ýetirdi.

Duşuşygyň dowamynda ilçi Türkmenistanyň durmuşa geçirýän içeri we daşary syýasatynyň esasy ugurlary bilen tanyşdyryldy. Parahatçylygyň, ählumumy howpsuzlygyň, abadançylygyň bähbidine deňhukukly halkara hyzmatdaşlygy yzygiderli ösdürmek şol syýasatyň ileri tutulýan ugrudyr. Bellenilişi ýaly, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan gyzyklanma bildirýän ähli hyzmatdaşlar bilen özara bähbitli gatnaşyklary ilerletmäge uly ähmiýet berýär. Şeýle-de diplomata Mejlisiň düzümi, onuň ýurdumyzyň kanunçylyk bin-



ýadyny döwrebaplaşdyrmagyň çäklerinde alyp barýan köpugurly işleri barada giňişleýin maglumat berildi. Duşuşykda ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn görnüşde, hususan-da, Birleşen Milletler Guramasynyň, beýleki abraýly halkara düzümleriň çäklerindäki türkmen-fin gatnaşyklarynyň dürli ugurlary barada pikir alşyldy.

Duşuşygyň ahyrynda Finlýandiýa Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi ýurtlarymyzyň arasyndaky hyzmatdaşlygy özara ynanyşmak, birek-birege hormat goýmak esasynda mundan beýläk-de pugtalandyrmak ugrunda öz tarapyndan ähli tagallalary etjekdigine ynandyrdy.

## Harmanyňyza bereket, edermen babadaýhanlar!

**Türkmenistanda galla oragy möwsümi gyzgalaňly dowam edýär. Hormatly Prezidentimiziň ak pata bermegi bilen, Daşoguz we Balkan welaýatlarynyň ekerançylary hem 10-njy iýunda bu işe girişdiler.**

Möwsümiň başlanmagy mynasybetli ýurdumyzyň demirgazyk we günbatar sebitlerinde geçirilen dabaralara welaýat we etrap häkimlikleriniň, jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri, hormatly ýaşulular, tejribeli agronomlar, mehanizatorlar, gallaçy kärendeçiler gatnaşdylar.

Il sylagly ýaşulular halkymyzyň asyrlar aşyp gelýän asylly däbine görä, Beýik Biribardan orak möwsüminiň üstünlikli geçmegini dileg etdiler. Soňra ýaşuly nesliň wekilleri ilkinji bugdaý sünbüllerini ordular hem-de nobaty kombaýnçylara geçirdiler. Kuwwatly däne ýygyjy kombaýnlaryň bugdaý meýdanlaryna çykarylmagy bilen, Daşoguz we Balkan welaýatlarynda Watan harmanyna ugradyljak gallanyň ilkinji tonnalary ýygnalyp başlandy.

Balkan we Daşoguz welaýatlarynyň gallaçylary şu ýyl hem döwlet öňündäki şertnamalaýyn borçnamalaryny abraý bilen berjaý etmek üçin orak möwsümine doly taýýarlykly geldiler. Demirgazyk sebitiň ekerançylary ekiş möwsüminiň dowamynda bugdaýyň welaýatyň toprak-howa şertlerine laýyk gelýän, ýokary hasylly görnüşlerini ekdiler. Galla oragynda däne ýygyjy kombaýnlardan, ýokary öndürijilikli tehnikalardan peýdalanylar. Orak döwründe göçme abatlaýyş-mehaniki toparlar gallaçylara gije-gündiz hyzmat edip, olary ähli zerurlyklar bilen üpjün ederler. Meýdan düşelgelerinde gallaçylaryň talabalaýyk zähmet çekmekleri, dynç almaklary babatda zerur şertler döredildi. Ýygnalyp alnan hasylyň kabul ediş bölümlerine, ammarlara, elewatorlara daşalmagyny ýük awtoulaglary üpjün eder.

Balkan welaýatynda-da bol hasyl ösdürip ýetişdirmek üçin meýilnamanyň ýerine ýetirilmegi, agrotehniki kadalaryň takyk berjaý edilmegi gallanyň bol hasylynyň alynmagyna şert döretdi. Günbatar sebitiň gallaçylary orak möwsüminiň her bir gününi netijeli peýdalanmak ugrunda zerur taýýarlyk işlerini geçirdiler. Kuwwatlylygy we ýokary öndürijiligi bilen tapawutlanýan bugdaý orujy kombaýnlar meýdanlara çykaryldy. Olaryň bökdençsiz işledilmegini gazanmak üçin awtoulaglar, ätiýaçlyk şaýlary, ýangyç-çalgy ýaglary ýeterlik möçberde üpjün edildi.



Daşoguz we Balkan welaýatlarynda galla oragy möwsümine badalga berilmegi mynasybetli dabaralaryň çäklerinde bugdaýly meýdanlaryň töwereginde ýurdumyzyň obasenagat toplumynyň önümleriniň sergileri guralyp, häzirki zaman oba hojalyk tehnikalarynyň nusgalary görkezildi. Estrada we halk aýdymçylary, folklor-tans toparlary gallaçylar üçin aýdym-saz çykyşlaryny taýýarladylar. Galla oragyna girişilmegi mynasybetli önümçilik-okuw maslahatlary geçirildi. Olarda möwsümi degişli derejede guramak, däne ýygnamak işlerini talabalaýyk we sazlaşykly geçirmek bilen bagly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

## ÖSÜŞIŇ WE GELJEGIŇ BINÝADY

Ylym we bilim islendik jemgyýetiň ösüşini, onuň medeni we ykdysady taýdan kämilleşmegini üpjün edýän esasy güýç bolup, jemgyýetiň aň-bilim derejesini ýokarlandyrýar, ykdysadyýetiň durnuklylygyny berkitmäge we tebigy baýlyklary tygşytly hem-de netijeli ulanmaga mümkinçilik berýär. Adamzat taryhynyň haýsy döwrüne seretseň-de, ylmyň we tehnologi-



ýanyň ösmegi täze siwilizasiýalaryň kemala gelmegine sebäp bolupdyr. Şol sebäpli dünýäniň ösen döwletlerinde ylma, bilime we innowasiýalara aýratyn üns berilýär. Ýurdumyzda her ýylyň 12-nji iýunynda Ylymlar güni döwlet derejesinde uly dabaralar bilen bellenilip geçilýär. Bu sene diňe bir alymlaryň, professor-mugallymlaryň ýa-da talyp ýaşlaryň baýramy bolman, ýurdumyzyň intellektual kuwwatynyň, uly üstünlikleriň dabaralanmasydyr.

Türkmen halky dünýä medeniýetine, ylmyna, edebiýatyna uly goşant goşan halkdyr. Gadymy Merw, Gürgenç, Nusaý ýaly şäherler diňe bir söwda merkezi bolman, Gündogaryň iň iri ylym we bilim ojaklary hasaplanypdyr. ■ 3

**Owadan dynç alyş merkezleri**
Bilermenleriň geçiren ylmy barlaglarynyň netijesinde, dünýäniň iň owadan we täsirli şypahana merkezleriniň täze sanawy yglan edildi. ■ 4

**Dünýädäki täsin myhmanhanalar**
Dünýäniň iň gadymy myhmanhanasy bolan Nisiýama Onsen Keýunkan 705-nji ýylda Ýaponiýanyň Haýakawa şäherinde gurulýar. ■ 5

**Dünýä Kubogy 2026-nyň tälimçileri**
Futbol boýunça Dünýä Kubogy ilkinji gezek 48 ýygyndynyň gatnaşmagynda geçiriler. 12 topar çada çykyş etjek toparlary dürli ýurtlaryň hünärmenleri türgenleşdirýär. ■ 7

**Toparlaryň mundan öňki duşuşyklary**
Dünýä Kubogyna gatnaşýan toparlaryň toparçalardaky garşydaşlary bilen ozal telim gezek duşuşany-da bar, ilkinji gezek güýç synanyşjagy-da. ■ 8

## Londonda robotaksiler hereket eder

Öz ulagyň bilen taksiçilik hyzmatyny hödürlemäge mümkinçilik berýän «Uber» kompaniýasy Londonda emeli aň tehnologiýasy bilen işleýän robotaksi hyzmatyny ýola goýar. Özbaşdak hereket edýän ulaglaryň tehnologiýasy «Wayve» startapy tarapyndan işlenip taýýarlanar. «Uber» Londonda «Wayve»-niň sürüjisiz ulag ulgamlary bilen enjamlaşdyrylan «Ford Mustang Mach-E» awtoulagy üçin ulanyjylary hasaba alyp başlady. «Wayve» awtonom ulag tehnologiýasyny işläp taýýarlan bolsa, «Uber» ulagyň içki dizaýnyny işläp düzdi. Ulagda müşderiler üçin 64 dilli sensorly ekran oturdylypdyr.



Hyzmatyň geljek aýlarda hödürlenmegine garaşylýar. Müşderiler mobil goşundy arkaly taksileri sargyt edip bilerler, munuň üçin bolsa sürüjili ulaglardan artyk pul tölemezler. Bu ulaglarda ilkibaşda sürüjiniň oturgyjynda bir adam oturar, soňlugy bilen dolulygyna sürüjisiz ulaglar işe giriziler.

## Konteýner gatnawynda öňdeligi eýeleýär

Konteýner gatnawlaryny amala aşyrýan «Mediterranean Shipping Co» (MSC) kompaniýasynyň ählumumy gämi gatnawynyň 21,5 göterimini amala aşyrýandygy mälim edildi. «Alphaliner» maglumat beriş kompaniýasynyň maglumatyna görä, MSC-niň deňizçilik taryhynda iň ýokary derejä ýetendigi habar berildi. Mundan ozal 2018-nji ýylda Daniýanyň «Maersk»




kompaniýasy gämi gatnawynyň 19,3 göterimini amala aşyryp, rekord goýupdy. Merkezi edarasy Ženewada ýerleşýän MSC 2020-nji ýyldan başlap, flotyny giňeltmegi netijesinde iki esse ösüş gazandy.

Häzirki wagtda bu ugurda ikinji ýerde barýan «Maersk» bolsa, 2024-nji ýylda flotynyň mümkinçiligini 4,1-4,3 million TEU bilen çäklendirdi. Kompaniýa häzirki wagtda deňiz arkaly ýükleriň 13,7 göterimini gatnadýar. Bu ugurda ilkinji bäşlige «CMA CGM» (12,5%), «Cosco Shipping Group» (10,6%) we «Hapag-Lloyd» (7%) girýär.

# YLYMLAR GÜNI ÝURDUMYZDA GIŇDEN BELLENILÝÄR

Häzirki döwürde dünýäniň ösüş depgini ylym we tehnologiýa bilen kesgitlenýär. Emeli aňyň, sanly ulgamlaryň, kosmos tehnologiýalarynyň we «ýaşyl» ykdysadyýetiň giň gerim alýan zamanasynda ylym diňe bir ösüşiň hereketlendiriji güýji bolman, eýsem, döwletleriň bäsdeşlige ukyplylygynyň esasy ölçegleriniň birine öwrüldi. Türkmenistanda her ýylyň 12-nji iýunynda dabaraly bellenilip geçilýän Ylymlar güni hem ylmyň jemgyýetdäki uly ornuny şöhlelendirýär.

Ýurdumyzda ylym ulgamyny ösdürmek, ýaş alymlary goldamak we innowasion başlangyçlary durmuşa geçirmek döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda durýar. Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň institutlarynda, ylmy-barlag merkezlerinde hem-de ýokary okuw mekdeplerde alnyp barylýan işler ýurdumyzyň ylmy kuwwatynyň yzygiderli artýandygyny görkezýär.

XXI asyr maglumatlar we innowasiýalar asyry hökmünde häsiýetlendirilýär. Şonuň üçin hem häzirki zaman alymy diňe bir ylmy gözlegleri geçirýän hünärmen däl, eýsem, täze tehnologiýalary döredýän, önümçilige ornaşdyrýan we jemgyýetiň ösüşine gönüden-göni täsir edýän şahsdyr. Sanly özgertmeleriň çuňlaşýan döwründe emeli aň, maglumat tehnologiýalary, energetika, ekologiýa we lukmançylyk ugurlarynda alnyp barylýan ylmy işler aýratyn ähmiýete eýedir.

Ylmyň önümçilik bilen utgaşmagy ykdysady ösüşiň möhüm şertleriniň biridir. Täze açyşlar we tehnologik çözgütler senagatyň döwrebaplaşmagyna, serişdeleriň netijeli ulanylmagyna hem-de ekologiýa taýdan durnukly ösüşiň üpjün edilmegine ýardam edýär. Hut şonuň üçin hem ylma goýulýan maýa goýumlary geljege goýulýan iň ygtybarly maýa hökmünde kabul edilýär.

Ylymlar güni mynasybetli geçirilýän ylmy-amaly maslahatlar, sergiler, döredijilik duşuşyklary we baýrak gowşuryluş dabaralary ýurdumyzyň ylmy jemgyýetçiliginiň üstünliklerini giňden wagyz edýär. Şeýle çäreler ýaş nesilleri täze gözleglere ruhlandyrýar, ylmyň abraýyny ýokarlandyrýar hem-de döredijilikli pikirlenmäge höwes döredýär.



Ylym ösüşiň, abadançylygyň we geljegiň berk binýadydyr. Häzirki döwrüň ähli uly üstünlikleriniň gözbaşynda ylmy pikir, döredijilikli çemeleşme we yzygiderli zähmet durýar. Şoňa görä-de, Ylymlar güni diňe bir alymlaryň baýramy däl, eýsem, bütin jemgyýetiň ösüşe, täzelige we döredijilige bolan hormatynyň nyşanydyr.

**Ogulnabat ATAÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.*

# DURNUKLY ÖSÜŞIŇ YGTYBARLY BINÝADY

Ýurdumyz dünýä döwletleri hem-de abraýly halkara guramalar bilen ykdysady, durmuş, ylym, bilim we medeni ugurlarda strategik hyzmatdaşlygy yzygiderli ösdürýär.

Türkmenistan BMG bilen köpugurly hyzmatdaşlyk etmäge uly ähmiýet berýär, parahatçylygy we howpsuzlygy berkitmek, sebit we dünýä möçberinde Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek ýaly möhüm meseleleri çözmek boýunça ylalaşylan çemeleşmeleri işläp taýýarlamak boýunça ählumumy tagallalary birleşdirmäge işjeň gatnaşyjy bolup durýar. Durnukly ösüş maksatnamalarynda dünýäde ykdysady ösüşi gazanmak, saglygy goraýşy ýokarlandyrmak we sosial deňligi gazanmak, şol sanda daşky gurşawy gorap saklamak we howanyň üýtgemeginiň öňüni almak boýunça işleriň geçirilmelidigi nygtalýar.

Häzirki döwürde ählumumy ekologiýa durnuklylygy we daşky gurşawy goramak meseleleri Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Ählumumy ekologiýa diplomatiýasyna laýyklykda, ýurdumyz tarapyndan «ýaşyl» ykdysadyýet, ýyladyşhana gazlarynyň zyňyndylaryny azaltmak we arassa energiýa çeşmelerini netijeli peýdalanmakda halkara derejesinde wajyp başlangyçlar öňe sürülýär we olar halkara jemgyýetçiligi tarapyndan goldanylyp, üstünlikli durmuşa geçirilýär.

Abadan we parahat durmuşyň esasy girewi bolan energiýa serişdeleriniň hem-de uglewodorod gorlarynyň umumadamzat bähbitlerine hyzmat etmegi ugrunda Türkmenistan iri taslamalaryň başyny başlaýar. Ýurdumyzyň energiýa serişdelerini halkara bazarlaryna ygtybarly we howpsuz getirmek baradaky uzak möhletli maksatnamalarydyr halkara taslamalary munuň aýdyň subutnamasydyr. Bu ugurda halkara ulag-logistika geçelgeleriniň döredilmegi sebitara ykdysady integrasiýany we durnukly ösüşi üpjün etmekde uly ähmiýete eýedir.

Mälim bolşy ýaly, ýurdumyzyň başlangyjy boýunça Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan her ýylyň 26-njy noýabry «Bütindünýä durnukly ulag güni» diýlip yglan edildi. Bu bolsa durnukly ösüşi gazanmagyň möhüm şerti hökmünde ulag-kommunikasiýa ulgamyna möhüm ähmiýet berilýändiginiň aýdyň mysalydyr. Häzirki wagtda ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda



ulag pudagynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny düýpli döwrebaplaşdyrmaga, hereket edýän ulag-kommunikasiýa ulgamlaryny giňeltmäge we täzelerini döretmäge gönükdirilen toplumlaýyn milli maksatnamalar üstünlikli durmuşa geçirilýär.

Garaşsyz ýurdumyz hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda netijeli, täzeçil daşary syýasy strategiýany üstünlikli durmuşa geçirmek arkaly saýlap alan döredijilikli ýoly bilen öňe tarap ynamly gadam urýar, tutuş dünýäde parahatçylygy, abadançylygy we rowaçlygy üpjün etmäge, Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetilmegine mynasyp goşant goşýar.

**Esenali ARALIÝEW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.*

# ÖSÜŞLERIŇ WE YKDYSADY KUWWATYŇ ÝOLY

Türkmenistanyň ulag-kommunikasiýa ulgamy milli ykdysadyýetiň esasy ugurlarynyň biri bolup, onuň düzüminde demir ýol pudagy aýratyn orun eýeleýär. Ýurdumyzyň geografiýa taýdan amatly ýerleşişi, Aziýa bilen Ýewropanyň, Demirgazyk bilen Günortanyň arasynda möhüm ulag geçelgesi hökmünde çykyş etmegine mümkinçilik berýär. Şunuň bilen baglylykda, demir ýol ulgamy diňe bir içerki ykdysady gatnaşyklary ösdürmekde däl, eýsem, halkara ulag-aragatnaşyk ulgamyny berkitmekde hem möhüm ähmiýete eýedir.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda demir ýol infrastrukturasyny döwrebaplaşdyrmak, täze demir ýol ugurlaryny gurmak we halkara üstaşyr mümkinçilikleri giňeltmek boýunça uly işler amala aşyrylýar. Bu bolsa ýurdumyzyň halkara ulag-logistika merkezleriniň birine öwrülmegine giň ýol açýar.

Häzirki wagtda bar bolan demir ýollaryň uzynlygy 5173,4 kilometre ýetýär, şolaryň 3947,1 kilometri esasy ýollara degişlidir.

Ulag ulgamynda birnäçe iri taslamalaryň durmuşa geçirilendigi bellärliklidir. Uzen – Bereket – Gürgen, Kerki – Ymamnazar – Akina, Aşgabat – Garagum – Daşoguz, Zerger – Kerki polat ýollary şolaryň hataryndadyr. Goňşy döwletleriň demir ýol ulgamyna birigýän demir ýollaryň gurulmagy üsta-



şyr ýük daşamalaryň artdyrylmagyny şertlendirdi.

Häzirki wagtda ýurdumyz Gazagystan – Türkmenistan – Eýran transmilli polat ýoly, Kerki – Ymamnazar – Akina, Serhetabat – Turgundy demir ýollary, Türkmenbaşy Halkara deňiz porty, Owganystan – Türkmenistan – Azerbaýjan – Gruziýa – Türkiýe ulag geçelgesi arkaly üstaşyr ýük akymlaryny birleşdiriji möhüm ýurt hökmünde ykrar edilýär.

Soňky ýyllarda ýurdumyzyň demir ýol pudagynda birnäçe möhüm üstünlikler gazanyldy. Ilki bilen demir ýol infrastrukturasynyň döwrebaplaşdyrylmagy amala aşyryldy. Täze demir ýol menzilleri gurlup, hereket edýän menzilleriň durky täzelendi. Ýolagçylar üçin ýokary amatlyklar döredildi, ýük daşamalaryň netijeliligi ýokarlandyryldy.

Ikinjiden, halkara ulag geçelgeleri işjeň ösdürildi. Hususan-da, Gazagystan–Türkmenistan–Eýran halkara demir ýol geçelgesiniň işe girizilmegi Aziýany Pars aýlagy ýurtlary bilen birleşdirýän iň gysga ulag ugurlarynyň biriniň emele gelmegine getirdi. Bu bolsa Türkmenistanyň üstaşyr mümkinçiliklerini ep-esli artdyrdy.

Üçünjiden, sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy demir ýol hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmaga ýardam berýär. Dolandyryş, bilet satmak we logistika ulgamlarynda häzirki zaman sanly çözgütleriň ulanylmagy pudagyň netijeliligini artdyrýar.

Demir ýol ulaglary ykdysadyýetiň ähli pudaklarynyň sazlaşykly işlemegi üçin zerur şertleri döredýär. Senagat kärhanalarynyň, gurluşyk pudagynyň, oba hojalygynyň we söwda ulgamynyň önümleriniň daşalmagynda demir ýoluň ähmiýeti örän uludyr. Şeýle hem demir ýol pudagynyň ösdürilmegi täze iş orunlarynyň döredilmegine, hünärmenleriň taýýarlanylmagyna we sebitleriň durmuş-ykdysady taýdan ösüşine oňyn täsir edýär.

Ýakynda geçen sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň mejlisinde şu ýylyň bäş aýynda alnyp barlan işleriň jemleri jemlendi. Hasabat döwründe Demir ýol ulaglary ministrligi boýunça ýerine ýetirilen hyzmatlaryň ösüş depgini 106,8 göterime barabar boldy. Bu görkeziji demir ýol pudagynyň ösüşleriň aýdyň ýolundadygyny görkezýär. Türkmenistanyň geografik ýerleşişi, döwrebap infrastruktura we döwlet tarapyndan berilýän uly goldaw ýurdumyzyň demir ýol ulgamynyň sebitde öňdebaryjy orun eýelemegine mümkinçilik berýär.

**Ahmet MOKROUSOW,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň talyby.*

## GÄMILER ÜÇIN TUNNEL GURLAR



Norwegiýanyň Stad ýarymadasynda suw ulaglary üçin dünýäniň tunneli gurlar. Uzynlygy 1,7 kilometr boljak ýerasty suw ötügi gämileriň geçjek ýoluny ep-esli gysgaldar. Şeýle hem bu geçelge gämileri güýçli tolkunlardan gorar. Geljek ýyl gurluşygyna başlanmagyna garaşylýan taslamanyň bahasynyň 800 million amerikan dollary möçberinde boljakdygy bellenilýär. Tuneliň beýikligi 37-50 metre, ini 36 metre barabar bolar.

Ýerasty suw ötügi gurlandan soňra gämiler ýylyň belli döwürlerinde has howply bolýan Demirgazyk deňzinden geçmeli bolmazlar. Adatça, ýylyň 100 güni sebitde güýçli ýel we gom bolýar. Bu bolsa, gämi gatnawyna oňaýsyz täsir edýär.

Häzirki wagtda gämiler Stad ýarym adasynyň daşyndan aýlanmak üçin 60 kilometr töweregi ýoly geçmeli bolýarlar. Suw ulaglarynyň girmegi çäklendirilen, goralýan fýordlar hem-de deňziň suwasty relýefiniň howply ýerleri zerarly gämiler köp ýerden aýlanyp geçmeli bolýarlar. Şol sebäpli bu aralygy geçmek birnäçe sagat ýa-da gün dowam edip bilýär. Täze guruljak tunelden bolsa, gämiler bary-ýogy 10 minutda geçerler. 2031-nji ýylda gurlup, ulanmaga berilmegine garaşylýan ýerasty gämi geçelgesi syýahatçylaryň hem gyzyklanma bildirýän ýerine öwrüler.

**Mähri KAKAJANOWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

# SPORT – SAGDYN DURMUŞYŇ ÖZENI

Häzirkizaman dünýäsinde tehnologiýanyň ösmegi bilen durmuşymyz ep-esli ýeňilleşdi. Ýöne şol bir wagtyň özünde hereketsizlik hem artdy. Bedeniň we ruhuň sagdynlygyny gorap saklamagyň iň täsirli, hemmeler üçin elýeterli ýoly bolsa, sport bilen meşgullanmakdyr. Sport diňe bir daşky görnüşi gözelleşdirmän, eýsem, bütin bedeniň kadaly işlemegini üpjün edýär. Bilermenleriň bellemegine görä, yzygiderli fiziki işjeňlik ýürek myşsalaryny berkidýär we gan aýlanyşyny gowulandyrýar. Sport bilen meşgullanýan adamlarda ýürek keselleriniň töwekgelçiligi peselýär, gan basyşy we gandaky holesteriniň derejesi kadaly saklanýar. Sport diňe bir bedene däl, eýsem, zehine oňyn täsir edýär. Maşk edilýän wagty adam bedeninde endorfin (bagt gormony) bölünip çykýar. Sport aladany we stresi azaltmagyň iň tebigy usulydyr. Ol ukynyň hilini gowulandyrýar, ir bilen şähdaçyk we ruhubelent halda oýanmaga kömek edýär.



Semizlik dünýäde häzirki döwrüň iň uly meseleleriniň biridir. Artykmaç agramdan ejir çekýänler hem bar. Sport bilen meşgullanmak kaloriýany ýakmaga we bedeniň alyş-çalyş (metabolizm) işini çaltlandyrmaga ýardam edýär. Bu bolsa artykmaç agramdan halas bolup, boýuňa görä agramyň saklanmagyna ýardam edýär.

Ýaşyň geçmegi bilen bedende süňkleriň gowşamagy ýaly nähoşluklar ýüze çykyp bilýär. Ylgamak ýa-da çalt ýöremek süňk dokumalaryny we myşsalary güýçlendirýär, bogunlaryň çeýeligini artdyrýar.

Yzygiderli we ortaça agramlykdaky sport maşklary bedeniň goranyş ulgamyny, ýagny immuniteti berkidýär. Sport bilen meşgullanýanlar kesellere has az duçar bolýarlar, kesellän ýagdaýlarynda hem tiz gutulýarlar.

Sport bilen meşgullanmak üçin professional türgen bolmak hökman däl. Günüň dowamynda 30-45 minut ýöremek, welosiped sürmek ýa-da ýüzmek hem saglygyňyz üçin peýdalydyr.

**Seýdi TAÝLYÝEW,**
*Görogly etrabynyň Arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň lukman-epidemiology.*

## AÝA UÇUŞA TAÝÝARLYK GÖRÜLÝÄR

ABŞ-nyň Aerokosmos edarasy (NASA) ýarym asyrdan gowrak wagtdan soňra Aýa syýahaty ýola goýmagy maksat edinýär. NASA «Artemis» maksatnamasynyň üçünji tapgyry bi-



len kosmosa gitjek ekipažyň agzalaryny mälim etdi. Hýustondaky Jonson kosmos merkezinde geçirilen tanyşdyryluş dabarasynda «Artemis III» missiýasynyň çäklerinde Ýeriň hemrasyna Rendolf Breznik (serkerde), Luka Parmitano (Ýewropa Kosmos Agentliginden, pilot, italiýaly), Fransisko Rubio we Andre Duglas (hünärmen), Robert Haýns bolsa ekipažyň ätiýaçdaky agzasy hökmünde tanyşdyryldy. NASA-nyň «Artemis» maksatnamasynyň ýolbaşçysy Jeremi Parsons uçuşyň iki hepde dowam etmegine garaşylýandygyny mälim etdi. Parsons missiýanyň Aýa amala aşyryljak soňky taýýarlyk uçuşy boljakdygyny belledi.

«Artemis III» şowly bolan ýagdaýynda «Artemis IV» maksatnamasy bilen adamzat Aýyň ýüzüne aýak basar. NASA Aýda adamlaryň hemişe boljak desgasyny gurmak üçin umumy bahasy 20 milliard dollar bolan maýa goýum goýar.

Mundan ozal 1-nji aprelde «Artemis II» missiýasynyň çäklerinde uçuş amala aşyrylyp, astronawtlar Aýyň daşyndan aýlanyp, yzyna gaýdypdylar. 10 gün dowam eden bu uçuşda ekipaž jemi 1 million 118 müň kilometre golaý ýol geçipdi hem-de Aýyň garaňky tarapy ilkinji gezek adamyň gözi bilen görlüpdi.

**Hümmet HÜMMEDOW,**
*Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Ylym neşirýatynyň hojalyk işleri boýunça müdiri.*

## SUWÜSTI ÝEL ENERGIÝASY ARTÝAR

Dünýäde kenardan uzakda, deňizde gurulýan ýel beketleriniň sany barha artýar. Ösen tehnologiýa has uly, önümçiligi ýokary bolan ýel beketlerini gurmaga mümkinçilik berýär.



Şeýlelikde, bu desgalaryň önümçilik möçberi hem ýylsaýyn ýokarlanýar. Maglumatlara görä, geçen ýyl ýel energiýasynyň ählumumy önümçilik kuwwaty 92,5 gigawata ýetipdir. Global ýel energiýasy geňeşiniň (GWEC) hünärmenleriniň taýýarlan maglumatyna görä, geçen ýylky gurlan ýel beketleri bu desgalaryň önümçilik kuwwatyny 16 göterim artdyrypdyr. Bu ugurda Hytaý iň köp suwüsti beket guran ýurt bolup, ýurt bu ugurda yzly-yzyna sekizinji ýyl öňdeligi eýeläpdir. Ýurtda önümçilik kuwwaty 6,6 gigawat bolan desgalar işe girizilip, ýel beketleriniň önümçilik kuwwaty 48,4 gigawata ýetipdir.

Ýewropada geçen ýyl 5 ýel bekedinde önümçilik kuwwaty 2 gigawata barabar bolan täze ýel beketleri işe girizilipdir. Bu görkeziji bütin dünýäde işe girizilen ýel beketleriniň bäşden birine barabardyr.

ABŞ-da bolsa, önümçilik kuwwaty 806 megawat bolan «Vineyard Wind 1» taslamasy durmuşa geçirilipdir.

**Ataberdi MOMMYÝEW,**
*Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň «Gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri» ylmy-önümçilik merkeziniň ylmy işgäri.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Iýun aýynyň 12-si, 2026
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-118843
Belgisi: 24/1694
Tiražy: 10039
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR MYRATDURDY GARJANOW
JOGAPKÄR KÄTIP AMANMYRAT BAÝMYRADOW

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

BELLIK: Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# Abadan durmuşyň kepili

Eziz Watanymyzyň geografik ýerleşişi onuň halkara ulag-logistika merkezleriniň birine öwrülmegi üçin uly mümkinçilikleri döredýär. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň üstaşyr ulag mümkinçiliklerini artdyrmak, içerki we halkara gatnawlary kämilleşdirmek maksady bilen iri taslamalar durmuşa geçirilýär. Döwrebap awtomobil ýollarynyň gurluşygy diňe bir ykdysady ösüşe däl, ýol hereketiniň howpsuzlygynyň ýokarlanmagyna hem oňyn täsir edýär. Aşgabat-Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň tapgyrlaýyn ulanmaga berilmegi Diýarymyzyň ulag ulgamynyň ösüşindäki möhüm wakalaryň biri boldy. Bu ýol häzirki zaman talaplaryna laýyklykda gurlup, ulaglaryň amatly we howpsuz hereket etmegi üçin ähli şertleri özünde jemleýär. Şeýle taslamalar ýurdumyzyň ýol infrastrukturasyny täze derejä çykarýar.

Ýol hereketiniň howpsuzlygyny üpjün etmekde Polisiýanyň ýol gözegçilik gullugynyň orny aýratyn uludyr. Gullugyň işgärleri ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almak, ýol hereketiniň düzgünleriniň berjaý edilişine gözegçilik etmek, sürüjileriň we pyýadalaryň hukuk medeniýetini ýokarlandyrmak boýunça netijeli işleri alyp barýarlar. Häzirki döwürde ýol gözegçilik gullugynyň işinde sanly tehnologiýalaryň mümkinçiliklerinden giňden peýdalanylýar. Döwrebap wideo gözegçilik ulgamlary, awtomatlaşdyrylan dolandyryş serişdeleri, elektron maglumat bazalary hem-de tehniki gözegçilik enjamlary hereket



howpsuzlygyny üpjün etmekde möhüm ähmiýete eýedir. Bu bolsa ýol hereketindäki düzgün bozmalary tiz ýüze çykarmaga we öňüni almaga mümkinçilik berýär.

Ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almak maksady bilen ilat arasynda yzygiderli düşündiriş we wagyz-nesihat işleri geçirilýär. Bilim edaralarynda, kärhanalarda we köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde geçirilýän duşuşyklar, maslahatlardyr ýörite çäreler raýatlaryň ýol hereketiniň düzgünlerine bolan jogapkärçilikli garaýşyny kemala getirmäge ýardam berýär. Ýurdumyzyň şäherlerinde hem-de ilatly ýerlerinde döwrebap ýol belgileri, pyýada geçelgeleri we yşyklandyryş ulgamlary yzygiderli kämilleşdirilýär. Bu işler sürüjiler we pyýadalar üçin amatly hem-de howpsuz şertleriň döredilmegine gönükdirilendir. Awtoulaglaryň sanynyň artýan döwründe şeýle özgertmeleriň ähmiýeti has-da ýokarlanýar.

Ýol hereketiniň howpsuzlygy her bir raýatyň, sürüjiniň we pyýadanyň umumy jogapkärçiligidir. Polisiýanyň ýol gözegçilik gullugynyň alyp barýan işleri, döwrebap ýol infrastrukturasynyň döredilmegi hem-de jemgyýetde hukuk medeniýetiniň ýokarlanmagy ýurdumyzyň ýollarynda howpsuzlygyň üpjün edilmegine berk esas döredýär. Ýurdumyzda ulag pudagynyň ösüşi, täze awtomobil ýollarynyň gurulmagy we hereket howpsuzlygynyň kämilleşdirilmegi döwletimiziň halkyň abadançylygyny üpjün etmek ugrunda alyp barýan syýasatynyň aýdyň netijesidir. Geljekde hem bu ugurda amala aşyrylýan giň möçberli taslamalar ýurdumyzyň ulag-logistika kuwwatyny has-da berkitmek bilen birlikde, ýol hereketiniň howpsuzlygyny täze derejelere çykarar.

**Hakberdi REJEPOW,**
*Ahal welaýatynyň Altyn asyr etrap polisiýa bölüminiň Polisiýanyň ýol gözegçilik bölümçesiniň wagyz-nesihat işleri boýunça gözegçisi, polisiýanyň kapitany.*

# BEREKETLI SAÇAKLARYŇ BEZEGI

Türkmen halkynyň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan milli gymmatlyklarynyň arasynda çörek aýratyn orna eýedir. Ata-babalarymyzyň durmuşynda, däp-dessurlarynda, pähim-paýhasynda we gündelik ýaşaýşynda çörege goýlan hormat özboluşly terbiýe mekdebini emele getiripdir. Çörek diňe bir adamzadyň açlygyny gandyrýan iýmit bolman, eýsem, berekediň, halal zähmetiň, agzybirligiň, asudalygyň we mukaddesligiň nyşany hökmünde kabul edilipdir. Halk arasynda aýdylýan «Çörek mukaddesdir», «Çörege hormat – berekete hormat», «Çöregiň gadyryny bilýän adam zähmetiň hem gadyryny biler» diýen ýaly pähim-paýhasly sözler halkymyzyň bu nygmata nähili uly sarpa goýýandygyny görkezýär. Häzirki döwürde hem bu asylly ýörelgeler öz ähmiýetini ýitirmän, ýaş nesilleriň terbiýesinde möhüm orun eýeleýär.

Türkmen halkynyň taryhy durmuşyna ser salanymyzda, çöregiň diňe bir iýmit däl-de, ruhy gymmatlyk hökmünde hem kabul edilendigini görmek bolýar. Gadymy döwürlerde oba ilatynyň durmuşynda bugdaý ekmek, hasyl ýygnamak we çörek bişirmek örän hormatlanýan işler hasaplanypdyr. Bir döwüm çörege daýhanyň ýylyň dowamynda çeken zähmetiniň miwesi hökmünde garalypdyr. Çöregiň aňyrsynda ýüzlerçe adamyň zähmeti ýatyr. Şonuň üçin hem çöregi isrip etmek köp adamyň halal zähmetine biparh garamak hökmünde kabul edilýär. Türkmen halkynyň «Bir döwüm çöregiň gadyryny bil» diýen öwüdi hem hut şu hakykatdan gözbaş alýar. Zähmet bilen gazanylan her bir nygmatyň gadyr-gymmatyny bilmek adamlarda zähmetsöýerligi, tertipliligi we jogapkärçiligi terbiýeleýär.

Ata-babalarymyz saçakda ilki çörek goýmagy ýagşy niýet bilen baglanyşdyrypdyrlar. Myhman gelen öýde ilkinji hödürlenýän nygmat hem köplenç nan bolupdyr. Sebäbi çörek dostlugyň, ynamyň we myhmansöýerligiň alamaty hasaplanypdyr. Türkmen maşgalasynda çöregi ýere taşlamak ýa-da hormatsyzlyk etmek ýaramaz gylyk hökmünde kabul edilipdir. Ýere düşen çörek bölegini alyp, ýokarda goýmak ýa-da guş-gumrulara bermek ýaly däpler halkymyzyň çörege bolan çuňňur hormatynyň aýdyň mysalydyr.

Türkmen saçagyny çöreksiz göz öňüne getirmek mümkin däl. Her bir maşgala üçin nan gündelik iýmitiň esasy bölegidir. Şol bir wagtyň özünde ol maşgala agzybirliginiň hem nyşany bolup hyzmat edýär. Baýramçylyk günlerinde, toý dabaralarynda, sadakalarda we beýleki köpçülikleýin çärelerde saçaklaryň başynda hökman çörek goýulýar. Bu diňe bir däp bolman, eýsem, öýüň berekediniň we myhmana goýulýan hormatyň nyşanydyr. Myhmany duz-çörek bilen garşy almak türkmen halkynyň iň gadymy däpleriniň biridir. Bu däp myhmana ýagşy arzuwlaryň, dostlugyň we hormatyň nyşany hökmünde düşünilýär. Şonuň üçin çörek halkymyzyň myhmansöýerlik medeniýetiniň hem aýrylmaz bölegidir.

Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzyň oba hojalygyny ösdürmek, azyk bolçulygyny üpjün etmek we bugdaý önümçiligini artdyrmak boýunça giň gerimli işler amala aşyryldy. Döwrebap oba hojalyk tehnikalarynyň ulanylmagy, ekerançylygyň



ylmy esasda ösdürilmegi we daýhanlar üçin döredilýän mümkinçilikler bol hasyl almaga şert döredýär. Her ýyl ýurdumyzyň bugdaý meýdanlarynda öndürilýän bol hasyl halkymyzyň rysgalynyň artýandygynyň aýdyň subutnamasydyr. Daýhanlaryň yhlasly zähmeti netijesinde türkmen saçaklary bereketli çörek önümleri bilen üpjün edilýär. Bu üstünlikler diňe bir ykdysady taýdan däl, halkymyzyň abadançylygynyň, ýaşaýyş derejesiniň ýokarlanmagynyň hem möhüm görkezijileriniň biridir.

Çörekde daýhanyň maňlaý deri ene topragyň berekedi we halkymyzyň asyrlaryň dowamynda kemala getiren ruhy gymmatlyklary jemlenendir. Şonuň üçin çörek diňe bir saçaklaryň bezegi däl, eýsem, halkymyzyň kalbynda ýaşap gelýän mukaddes nygmatdyr. Çörek mukaddesdir. Mukaddeslige hormat goýmak bolsa her birimiziň borjumyzdyr.

**Oguljan ÝAGŞYMYRADOWA,**
*Aşgabat şäherindäki 129-njy orta mekdebiň başlangyç synp mugallymy.*

# TOMUS PASLYNY SAGDYN GEÇIRELIŇ!

Häzirki döwürde diňe bir keselleri bejermek däl, eýsem, olaryň öňüni almak hem möhüm meseleleriň biridir. Şonuň üçin ýurdumyzda öňüni alyş lukmançylygyna aýratyn üns berilýär. Yzygiderli geçirilýän saglyk barlaglary, sanjymlar, wagyz-nesihat çäreleri we köpçülikleýin saglyk çäreleri ilatyň arasynda dürli kesselleriň ýaýramak howpuny peseldýär. Ýokanç keselleriň öňüni almak boýunça alnyp barylýan işler halkara ülňülere laýyklykda guralýar. Arassaçylyk-gigiýena kadalarynyň berjaý edilmegi, ilatyň saglyk sowatlylygynyň ýokarlandyrylmagy we sagdyn durmuş ýörelgeleriniň giňden wagyz edilmegi bu ugurda wajyp orun eýeleýär.



Türkmenistanyň saglygy goraýyş syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biri hem sagdyn durmuş ýörelgelerini jemgyýetde berkitmekden ybaratdyr. Ýurdumyzyň ähli sebitlerinde sport toplumlary, bedenterbiýe merkezleri, stadionlar, welosiped ýollary we beýleki sport desgalary gurlup, halkyň hyzmatyna berilýär. Bedenterbiýe bilen yzygiderli meşgullanmak ýürek-damar, süýji keseli, semizlik ýaly köp sanly keselleriň öňüni almaga kömek edýär. Şeýle hem sport bilen meşgullanmak adamyň ruhy ýagdaýyna oňyn täsir edip, zähmete ukyplylygyny ýokarlandyrýar. Sagdyn iýmitlenmek hem saglygyň möhüm şertleriniň biridir. Witaminlere, minerallara we beýleki peýdaly maddalara baý önümleriň ulanylmagy bedeniň immunitetini güýçlendirýär hem-de dürli kesellere garşy durnuklylygyny ýokarlandyrýar.

Tomus paslynyň gelmegi bilen, howanyň temperaturasy ep-esli ýokarlanýar. Bu ýagdaý adam bedeniniň işleýşine täsir edip biler. Esasan-da, çagalaryň, ýaşuly adamlaryň, göwreli zenanlaryň we dowamly kesellerden ejir çekýän adamlaryň saglygy üçin aýratyn seresaplylyk zerurdyr. Yssy howada bedeniň suwa bolan talaby artýar. Adam bedeniniň esasy bölegini suw düzýändigi sebäpli, onuň ýetmezçiligi dürli näsazlyklara getirip biler. Şonuň üçin tomus aýlarynda günüň dowamynda ýeterlik mukdarda arassa agyz suwuny içmek maslahat berilýär. Suw bedeniň ýylylyk sazlaşygyny üpjün edýär, zyýanly maddalaryň bedenden çykarylmagyna ýardam berýär we umumy saglyk ýagdaýyny gowulandyrýar.

Tomus möwsüminde iň köp duş gelinýän saglyk meseleleriniň biri Gün urmasydyr. Gün urmasy bedeniň aşa gyzmagy netijesinde ýüze çykýar. Şeýle ýagdaýda adamyň bedeni gyzýar, kellesi agyrýar, ýüregi bulanýar, gowşaklyk emele gelýär. Gün urmasynyň öňüni almak üçin günortan wagty uzak wagtlap göni Gün şöhlesiniň aşagynda bolmazlyk, açyk reňkli, ýeňil we howa geçiriji egin-eşikleri geýmek, başgap ulanmak, kölegeli ýerlerde dynç almak, köp mukdarda suw içmek, fiziki işleriň agyr görnüşlerini günüň salkyn wagtlarynda ýerine ýetirmek zerur bolup durýar.

Yssy howada iýmitlenişe aýratyn üns bermek gerek. Tomus möwsüminde täze miweleri, gök önümleri, gök önümlerden taýýarlanan işdäaçarlary we süýt önümlerini iýmek peýdalydyr. Bu önümler bedeni witaminler bilen üpjün edýär we immuniteti güýçlendirýär. Şeýle hem azyk önümleriniň saklanyş şertlerine berk üns bermek zerurdyr. Yssy howada iýmitler çalt zaýalanýar. Şonuň üçin iýmitleri sowadyjyda saklamak, olaryň öndürilen möhletini gözden geçirmek we şübheli önümleri ulanmazlyk maslahat berilýär.

Tomus aýlarynda dürli keselleriň ýaýramak mümkinçiligi ýokarlanýar. Şeýle ýagdaýlaryň öňüni almak üçin şahsy arassaçylyk kadalaryny berjaý etmek möhümdir. Eliňizi sabyn bilen ýygy-ýygydan ýuwmak, arassa suw içmek, iýmit önümlerini gowy ýuwmak we ýaşaýyş ýerleriniň arassalygyny üpjün etmek saglygyň goralmagyna uly goşant goşýar. Dynç alyş ýerlerinde, aýratyn-da suw howdanlarynyň golaýynda arassaçylyk düzgünlerine berk eýerilmelidir. Çagalaryň howpsuzlygy hemişe ulularyň gözegçiliginde bolmalydyr.

Tomus paslynda saglygy goramak her bir raýatyň gündelik durmuşynda möhüm orun eýelemelidir. Lukmançylyk maslahatlaryna eýermek, dogry iýmitlenmek, arassaçylyk kadalaryny berjaý etmek we yssy howadan goranyş çärelerini görmek arkaly öz saglygymyzy gorap, sagdyn we bagtyýar durmuşyň hözirini görüp bileris.

**Laçyn AMANOWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň deri we weneriki keseller kafedrasynyň assistenti.*

# ÖSÜŞIŇ WE GELJEGIŇ BINÝADY



**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Bu ýerlerde ýerleşen kitaphanalar, obserwatoriýalar we medreseler dünýäniň çar tarapyndan gelen alymlary özüne çekipdir. Merw şäherinde ýerleşen «Sowat öýleri» we dünýä belli kitaphanalar öz döwründe ylmyň iň ösen künjegini emele getiripdir. Beýik akyldar Omar Haýýam astronomik barlaglaryny we senenama özgertmelerini hut Merw obserwatoriýasynda amala aşyrypdyr. Gürgenç (Köneürgenç) bolsa Horezmşalar döwründe ylmyň we medeniýetiň iň uly merkezine öwrülipdir. Bu ýerde emele gelen «Mamunyň akademiýasy» dünýä ylmyna uly goşant goşupdyr. Lukmançylyk ylmynyň düýbüni tutujylaryň biri bolan Abu Ali ibn Sinanyň «Lukmançylyk ylmynyň kanunlary» atly kitaby asyrlarboýy Ýewropanyň bilim ojaklarynda esasy gollanma hökmünde okadylypdyr. Ibn Sina Gürgençde ýaşap, özüniň köp sanly ylmy açyşlaryny hut şu toprakda amala aşyrypdyr. Abu Reýhan al-Biruni bolsa geodeziýa, mineralogiýa, astronomiýa we matematika ylymlarynda öwrülişik eden alym bolup, Ýer şarynyň radiusyny takyk ölçemegi başarypdyr we bütindünýä ylmyna uly täsir edipdir. Mahmyt Kaşgarly we Ýusup Has Hajyp dagylar türki dilleriň edebiýatynyň we jemgyýetçilik ylymlarynyň ösmegine getiren ylmy işleri ýazan akyldarlar. Al Horezmi algebra ylmynyň düýbüni tutujy bolup, «Algoritim» düşünjesi hut şu alymyň adyndan gözbaş alýar. Halkymyzyň taryhynda uly yz galdyran bu akyldarlar häzirki zaman türkmen alymlary üçin nusgalyk mekdepdir. Ylymlar güni bellenilende, biz diňe bir şu günüň däl, eýsem, geçmiş mirasymyzyň hem sarpasyny tutýarys.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy ýurdumyzda ylmy syýasaty alyp barýan, düýpli we amaly barlaglary utgaşdyrýan esasy ylmy merkezdir. Dürli ýyllarda amala aşyrylan ylmy özgertmeleriň netijesinde Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň düzümindäki ylmy-barlag institutlarynyň işi mazmun taýdan baýlaşdyryldy. Ylmy barlaglaryň netijeliligini ýokarlandyrmak maksady bilen, Türkmenistanyň Ýokary attestasiýa komiteti döredildi hem-de ylmy derejeleri (ylymlaryň kandidaty, ylymlaryň doktory) we ylmy atlary (dosent, professor) bermegiň täze halkara talaplaryna laýyk gelýän ulgamy girizildi. Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň düzümindäki ylmy-barlag institutlary, Halkara ylmy-tehnologiýa parky, şeýle hem ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleri iň döwrebap enjamlar, barlaghana toplumlary we kompýuter tehnologiýalary bilen üpjün edildi.

Ýaşlary ylma çekmek maksady bilen, her ýyl ylmy işleriň bäsleşikleri guralýar, aspirantura we doktorantura arkaly ýokary hünärli hünärmenleriň täze nesli kemala getirilýär. Ylym ulgamynyň hukuk esaslaryny döwrebaplaşdyrmak maksady bilen, «Döwlet ylmy-tehniki syýasaty hakynda», «Ylmy işgäriň hukuk ýagdaýy hakynda», «Ylmy edaralar hakynda», «Ylmy-tehnologiýa parklary hakynda», «Ylmy intellektual eýeçilik hakynda», «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» (rejelenen görnüşi) Türkmenistanyň Kanunlary kabul edildi.

Ylym we tehnologiýa ulgamyny ösdürmek ýurduň ykdysady we durmuş taýdan galkynyşyny üpjün etmegiň baş şerti hökmünde görülýär. Türkmenistanyň ylym ulgamy diňe bir nazary bilimi däl, ýurduň ykdysady garaşsyzlygyny goldaýan amaly barlaglary ösdürmäge ünsüni gönükdirýär. Häzirki wagtda sanly ykdysadyýet we maglumat tehnologiýalary ýurdumyzda «akylly» şäher konsepsiýalaryny ösdürmek, emeli aň, kiberhowpsuzlyk we uly maglumatlar (Big data) ýaly ugurlarda ylmy barlaglar işjeň alnyp barylýar. Sanly ulgama geçiş ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda dolandyryşy kämilleşdirmäge kömek edýär. Türkmenistan uglewodorod serişdelerine baý döwlet bolsa-da, alym-hünärmenler tarapyndan «ýaşyl» energetika, Gün we ýel energiýasyny ulanmagyň tehnologiýalary öwrenilýär. Şeýle hem nebitiň we gazyň gaýtadan işlenilişini çuňlaşdyrmak, täze himiki önümleri almagyň usullary işlenip düzülýär. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleriniň esasynda ekologiýa taýdan arassa täze derman serişdelerini döretmek boýunça ylmy işler dowam edýär. Suw serişdelerini tygşytly ulanmak, damjalaýyn suwaryş ulgamlaryny kämilleşdirmek we «Altyn asyr» Türkmen kölüniň sebitiniň ekologiýasyny öwrenmek boýunça uly göwrümli ylmy taslamalar amala aşyrylýar. Şeýle hem Türkmenistanyň ylym ulgamynda nanotehnologiýalar, täze materiallar, biotehnologiýalar, molekulýar biologiýa, azyk howpsuzlygy we oba hojalygyna innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak ýaly ugurlara aýratyn ähmiýet berilýär.

Türkmenistanyň ylym ulgamy dünýäniň öňdebaryjy ylmy merkezleri, şol sanda BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralary, Ýewropa bileleşiginiň ylmy gaznalary we daşary ýurtlaryň Ylymlar akademiýalary bilen netijeli hyzmatdaşlygy yzygiderli ösdürýär. Bilelikdäki ylmy maslahatlar, tejribe alyşmalar we halkara taslamalar türkmen ylmynyň dünýä derejesine çykmagyna oňaýly şertleri döredýär.

Türkmenistanda ylma goýulýan durnukly maýa goýumlary we amala aşyrylýan özgertmeler ýurduň intellektual kuwwatyny has-da ýokarlandyrýar. Häzirki wagtda alnyp barylýan ylmy barlaglar diňe bir ykdysady bähbit getirmek bilen çäklenmän, geljekki nesiller üçin durnukly innowasion we ylma esaslanan ösen döwleti gurmagyň kepili bolup durýar.

**Akmyrat AŞYROW,**
*Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa institutynyň ylmy işgäri.*

## EDEBIÝAT

*Mark Twen: «Kitap okamaýan adamyň, okap bilmeýän adamdan hiç hili tapawudy ýokdur».*

# Sanly platformada döredilen täze ulgam

Russiýanyň «Slowo Tolstoýa» (Tolstoýyň sözi) atly ylmy-barlag taslamasynyň hünärmenleri beýik ýazyjy Lew Nikolaýewiç Tolstoýyň durmuşyna we döredijiligine bagyşlanan sanly ulgamda uly täzeligi amala aşyrdylar. Taslamanyň çäklerinde ýazyjynyň giň gurşawyny, tanyş-bilişlerini görkezýän özboluşly interaktiw aragatnaşyk ulgamy we 9 müňden gowrak suraty öz içine alýan uly göwrümli fotoarhiw döredildi. Ýazyjynyň 90 jiltlik eserler ýygyndysynyň esasynda taýýarlanan bu platforma häzirki zaman emeli aň tehnologiýalarynyň kömegi bilen edebi mirasy öwrenmekde täze mümkinçilikleri açýar.



Täze döredilen sanly aragatnaşyk ulgamy ýazyjynyň öz döwründe gatnaşan we hat-habar alşan müňlerçe ynsanlaryny – meşhur ýazyjylardan, suratkeşlerden we filosoflardan başlap, ýönekeý daýhanlara hem-de mugallymlara çenli bolan giň gurşawy öz içine alýar. Bu ulgam XIX asyryň we XX asyryň başlarynyň taryhy-medeni gatnaşyklarynyň özboluşly kartasy bolup hyzmat edýär. Taslamada ýazyjynyň uly baha beren daýhan Timofeý Bondarew ýaly tanyşlarynyň her biri barada giňişleýin ylmy maglumatlar we düşündirişler berilýär.

Ýazyjynyň Döwlet muzeý-goraghanasy bilen bilelikde döredilen fotoarhiwdäki suratlaryň agramly bölegi ilkinji gezek köpçülige ýetirilýär. «Yandex» kompaniýasynyň emeli aň gurallary arkaly taslama bir bitewi ulgama öwrüldi. Indi ulanyjylar ýazyjynyň gündeligindäki islendik adamyň adynyň üsti bilen şol şahsyýetiň arhiw suratyna, şeýle hem şol bir günde ýazylan ýazgylara we düşürilen surata internet arkaly aňsatlyk bilen göni geçip bilýärler.

Sanly platformanyň mümkinçiliklerini görkezmek maksady bilen, filologlar tarapyndan, eýýäm, birnäçe ylmy barlaglar taýýarlanyldy. Olaryň hatarynda ýazyjynyň döwürdeşleriniň gündelikleri esasynda dikeldilen taryhy hekaýalar, ýazyjynyň Peterburgda bolan ýerlerini görkezýän gezelenç meýilnamasy, şeýle hem onuň teatr baradaky ýazgylarynda ulanan özboluşly sözleriniň düşündirişli sözlügi bar.

# BIR BULGUR SÜÝT

Mekdep puluny tölemek üçin gapyma-gapy aýlanyp, haryt satyp ýören garyp oglanjyk näme etjegini bilmän, bir ýaş zenandan bir bulgur suw sorapdyr.




Zenan onuň tapdan düşen, ýadaw halyny görüp, suwuň deregine bir bulgur süýt getiripdir.

Süýdi içip bolansoň, oglanjyk zenandan onuň bahasyny sorapdyr. Emma zenan ýylgyrypdyr-da, şeýle diýipdir:

– Ejem bize eden ýagşylygyň deregine zat alynmaz diýip öwredipdi.

Oglanjyk minnetdarlyk bilen hoşlaşypdyr.

Ýyllar geçipdir. Şol zenan gaty seýrek duşýan agyr kesele uçrapdyr. Ony uly şäherdäki hassahana alyp barypdyrlar. Şol ýerde abraýly lukman Howard Kellyny ony bejermäge çagyrypdyrlar.

Lukman Kelly onuň adyny we dogduk şäherini eşidende zenany tanapdyr. Şondan soň ol aýalyň bejergisini doly öz gözegçiligine alypdyr we sagalýança ähli zerur lukmançylyk kömegini beripdir.

Birnäçe hepdeden soň zenan sagalypdyr. Emma ol bejerginiň töleginiň näçedigini bilmekden gorkupdyr, sebäbi ol bu çykdajylary ömrüniň ahyryna çenli hem töläp bilmejegine göz ýetiripdir.

Ahyry hasap getirilende, zenan umytsyzlyk bilen ony açypdyr. Ýöne hasabyň aşagynda diňe şu sözler ýazylan ekeni:

«Bir bulgur süýt bilen dolulygyna tölendi.
Lukman Howard Kelly».

**Iňlis dilinden terjime eden Aýsoltan ANNAKOWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*

# Paýhaslar

☑ Biz iň soňunda duşmanlarymyzyň erbet sözlerini däl-de, dostlarymyzyň dymşyny ýatlarys.
***Martin Lýuter King.***

☑ Bir zady bilmek ýeterlik däl, ony durmuşda ulanmagy hem başarmaly. Bir zady islemek ýeterlik däl, ony ýerine ýetirmeli.
***Gýote.***

☑ Ýalňyşlyk goýberip, düzetmezlik iň uly ýalňyşlykdyr.
***Konfusiý.***

☑ Adamlar okamagyny bes eden mahaly, pikirlenmegini hem bes edýärler.
***Artur Şopengauer.***

☑ Gözler ýüregiň hakyky dilidir, olar hiç wagt ýalan sözlemezler.
***Deni Didro.***

☑ Iň uly owadanlyk we kämillik ýönekeýlikdedir.
***Leonardo da Winçi.***

☑ Özüni hemmelerden akylly hasaplap, töweregindäkilere çaga ýaly garaýan adam aslynda öz aşa tekepbirliginiň guludyr.
***Abu Aly ibn Sina.***

☑ Durmuş diňe özüňi tapmak däl, eýsem, öz-özüňi täzeden döretmekdir.
***Bernard Şou.***

☑ Dünýäni däl-de, öz düşünjäňizi we garaýşyňyzy üýtgetmäge çalşyň.
***Jelaleddin Rumy.***

☑ Iň gorkuly ýalan öz-özüňe aýdýan ýalanyňdyr. Özgeleri aldamak bolsa diňe bir guraldyr.
***Fridrih Nisşe.***

☑ Gelejek hakyky we anyk maksady bolan adamlara degişlidir.
***Napoleon Bonapart.***

☑ Wyždan adamyň içindäki hakykaty goraýjydyr; ony aldap bolar, ýöne hiç wagt dymdyryp bolmaz.
***Wiktor Gýugo.***

☑ Okamak durmuşdaky ýakymsyzlyklaryň garşysyna iň oňat serişdedir, okamagyň ýeňmedik ýekeje-de hasraty ýokdur.
***Monteskýo.***

# Dünýä edebiýatynyň iň gowy 100 romany

Britaniýanyň «The Guardian» gazeti dünýäniň dürli künjeklerinden bolan ýazyjylaryň, edebiýat tankytçylarynyň we alymlaryň gatnaşmagynda geçirilen ses berişligiň netijeleri esasynda, iňlis dilinde neşir edilen iň gowy 100 romanyň täze sanawyny yglan etdi. Sanawda birinji orny iňlis ýazyjysy Jorj Eliotyň «Midlmarç» romany eýeledi. 1871–1872-nji ýyllarda okyjylara gowşan eserde XIX asyryň birinji ýarymynda Angliýada bolup geçen giň gerimli taryhy özgerişleriň barşynda maşgala, syýasat, din we ylym ýaly möhüm ugurlar çeper beýan edilýär.



Halkara bilermenleriň beren sesleri esasynda taýýarlanan bu sanawda ikinji orna Nobel baýragynyň eýesi, amerikan ýazyjysy Toni Morrisonyň 1987-nji ýylda çap edilen «Magşuk» romany, üçünji orna bolsa Jeýms Joýsuň modernist edebiýatyň görnükli nusgasy hasaplanýan «Uliss» romany mynasyp boldy. Reýtingiň ilkinji onlugyna Wirjiniýa Wulfuň «Maýaga tarap», Marsel Prustuň «Ýitirilen wagtyň gözleginde», Lew Tolstoýyň «Anna Karenina», «Uruş we parahatçylyk», Şarlotta Bronteniň «Jeýn Eýr», Jeýn Ostiniň «Buýsanç we ýalan ynam» hem-de Gýustaw Floberiň «Hanym Bowari» ýaly dünýä belli eserleri girdi.

Şeýle-de sanawa Fransis Skott Fisjeraldyň «Beýik Getsbi», Çarlz Dikkensiň «Sowuk öý», Herman Melwilliň «Mobi Dik», Jorj Oruelliň «1984» we Gabriel Garsia Markesiň «Ýalňyzlygyň ýüz ýyly» ýaly romanlary hem girizildi. Bu meşhur sanawda rus edebiýatynyň görnükli wekilleriniň ýazan eserlerine hem uly orun berildi. Hususan-da, Wladimir Nabokowyň «Lolita» romany 25-nji, «Solgun alaw» eseri 29-njy, Fyodor Dostoýewskiniň «Doganlar Karamazowlar» romany 28-nji, «Jenaýat we jeza» eseri 69-njy, Mihail Bulgakowyň «Ussat we Margarita» romany 66-njy hem-de Wasiliý Grossmanyň «Durmuş we ykbal» atly eseri 91-nji orny eýeledi.

# «Ýasnaýa Polýana» baýragy gowşuryldy

Russiýa Federasiýasynda saparda bolýan meşhur hytaý ýazyjysy, Nobel baýragynyň eýesi Mo Ýana Sankt-Peterburg şäherindäki Russiýanyň Ylymlar akademiýasynyň Rus edebiýaty institutynda (Puşkin öýi) «Ýasnaýa Polýana» edebiýat baýragynyň «Daşary ýurt edebiýaty» ugry boýunça baş baýragy dabaraly ýagdaýda gowşuryldy. Ýazyjy bu abraýly sylaga 2025-nji ýylda rus diline terjime edilen we uly meşhurlyga eýe bolan «Ölüm sandał ysyny berýär» (2001 ý.) romany üçin mynasyp boldy. Mo Ýan geçen ýylyň oktýabr aýynda geçirilen resmi çärede şahsy sebäplere görä gatnaşyp bilmändigi sebäpli, öz baýragyny 2026-njy ýylyň iýun aýyndaky saparynyň dowamynda kabul etdi.




Dabaranyň dowamynda çykyş eden hytaýly awtor rus we sowet edebiýatynyň öz döredijiligine, şeýle hem hytaý ýazyjylarynyň tutuş bir nesline ýetiren ägirt uly täsirini aýratyn nygtady. Ol öz döredijilik ýolunda günbatar edebiýatynyň hem täsiriniň bardygyny ykrar etse-de, hut rus edebi däpleriniň özüne has güýçli we düýpli täsir edendigini, Lew Tolstoýyň baý mirasynyň öz eserleri bilen baglanyşmagynyň uly buýsançdygyny mälim etdi. Baýrak gowşurylyş dabarasynda çykyş eden emin agzalarynyň başlygy Wladimir Tolstoý bu çäräniň geçirilen ýeriniň we many-mazmunynyň özboluşly simwoliki ähmiýete eýedigini aýratyn belledi.

Maliýe we guramaçylyk taýdan L.N. Tolstoýyň «Ýasnaýa Polýana» mülk-muzeýi hem-de «Samsung Electronics» kompaniýasy tarapyndan guralýan bu baýragyň çäklerinde ýeňijä 1 million 200 müň rubl möçberinde pul sylagy, diplom we ýörite heýkeljik gowşuryldy. Bäsleşigiň şertlerine görä, romany rus diline terjime eden Igor Ýegorow bilen Kirill Batygine hem 500 müň rubl möçberinde pul baýragy gowşuryldy. Emin agzalary tarapyndan çylşyrymly taryhy şertleriň, joşgunly duýgularyň we sungatyň özboluşly utgaşmasy hökmünde häsiýetlendirilip, opera sungaty bilen deňeşdirilen bu roman bäsleşigiň iň şowly we täsirli eserleriniň biri hökmünde ykrar edildi.

**Nurnabat GAÝYPOWA,**
*Aşgabat şäher medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň kitaphanaçysy.*

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

gysga setirlerde

**Londonda Çerçilliň sergisi açyldy.** Londonyň «Uolles ýygyndysy» muzeýinde Beýik Britaniýanyň öňki Premýer-ministri Winston Çerçilliň soňky 60 ýyldaky iň uly surat sergisi açyldy. 23-nji maýda başlan we 29-njy noýabra çenli dowam etjek ekspozisiýada syýasatçynyň döreden 50-den gowrak seýrek kartinasy görkezilýär. Sergide Çerçilliň 500-den gowrak eseriniň iň esasylary, şol sanda Ruzwelte sowgat beren taryhy suraty hem bar.



**«Dokuzynjy tolkun» dikeldilýär.** Russiýanyň Döwlet muzeýi meşhur suratkeş Iwan Aýwazowskiniň «Dokuzynjy tolkun» atly eseriniň abatlanmagynyň sebäbini onuň boýag gatlagynyň zaýalanmagy we gopmak howpy bilen düşündirdi. Eseriň 176 ýyllyk taryhynda ilkinji gezek guralýan bu dikeldiş işleri Sankt-Peterburgda amala aşyrylýar. Bu zerur çäre meşhur eseri gorap saklamak hem-de oktýabr aýynda geçiriljek uly sergä taýýarlyk görmek maksady bilen ýerine ýetirilýär.



**Täze taslamalar durmuşa geçirilýär.** Gazagystanda sebitde ilkinji bolup «NVIDIA» kompaniýasynyň öňdebaryjy tehnologiýalaryna esaslanýan iki sany superkompýuter ulanmaga berildi. Bu barada ýurduň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew V Ýewraziýa ykdysady forumynyň plenar mejlisinde mälim etdi. Şeýle hem ýurtda 2026-njy ýylyň «Emeli aň we sanly ösüş ýyly» diýlip yglan edilendigi, bu ugurda täze ministrligiň hem-de ýörite geňeşiň döredilendigi nygtaldy.



**Syrly diwar görkezildi.** Müsüriň Luksor şäherinde Tutanhamonyň aramgähinden tapylan, ýüzünde gadymy üzümçilik şekillendirilen seýrek gips diwar 100 ýyldan soň ilkinji gezek köpçülige hödürlendi. Abat saklanan bu gymmatlyk gadymy azyk medeniýetini öwrenmekde möhüm ähmiýete eýedir. Şeýle-de ol suw gytlygy şertlerinde-de üzümçilige aýratyn ähmiýet berlendigi baradaky ylmy çaklamalary tassyklaýar.



**Wenera missiýasy.** Hindistanyň ISRO guramasy 2028-nji ýylda Wenerany öwrenmek üçin Şwesiýa bilen bilelikde pilotsyz kosmos zonduny uçurmagy meýilleşdirýär. Ýörite gural arkaly üpjün ediljek täze missiýa geçmişde Ýere meňzeş bolan planetanyň näme sebäpden jansyz meýdana öwrülendigini anyklamaga ýardam eder. Bu taslama alymlara Weneranyň atmosferasynyň Gün şemaly bilen täsirini we suwuny ýitirmeginiň sebäplerini öwrenmäge mümkinçilik berer.



**Notr-Damdaky tapyndylar.** Parižiň Notr-Dam ybadathanasynyň meýdançasynda geçirilen gazuw-agtaryş işlerinde Rim imperatory Konstantiniň şekili bolan IV asyryň şaýy puly we ýüzlerçe seýrek artefaktlar tapyldy. Bu gözleglerde orta asyrlaryň hem-de gadymy Rim kwartallarynyň taryhy gatlaklary ýüze çykaryldy. Alymlar 2028-nji ýyla çenli tamamlanmagi meýilleşdirilýän bu işleriň Parižiň taryhyny düýpli baýlaşdyrjakdygyny belleýärler.



**Goýunlar üçin gorag sowudy.** Awstriýaly telekeçi Rudolf Şaubah goýunlary möjekleriň hüjüminden goramak üçin daşy tikenli gorag sowudyny oýlap tapdy. Bu tikenli gurluş ýyrtyjylara bökdençlik döretmek arkaly ownuk malyň heläk bolmak howpuny azaltmaga gönükdirilendir. Emma Wenanyň haýwanlary goramak jemgyýetiniň talaby bilen, bu oýlap tapyşyň mallaryň saglygyna ýetirjek täsiri boýunça derňew işi başlandy.



**Düwnüge garşy täze sanjym.** ABŞ-da işlenip taýýarlanylan «Amiwantamab» sanjymy onkologik keselleriň bejergisinde ýokary netije görkezdi. Kelle, boýun we öýken çişlerinden ejir çekýän 102 näsagyň gatnaşmagynda geçirilen synaglarda olaryň 42 göterimine derman oňyn täsir edip, 15 adamda çişler doly aýryldy. Hünärmenler bu döwrebap serişdäniň dünýäniň saglygy goraýyş ulgamynda täze ugur açjakdygyny belleýärler.



## TARYHDA ŞU GÜN

**1909-njy ýylyň 12-nji iýunynda taryhda ilkinji gezek uçarman we iki ýolagçy bilen «Bleriot XII» aeroplany asmana göterildi. Fransuz uçarmany Lui Blerionyň dolandyran bu uçuşy awiasiýanyň diňe bir sport maksatlary üçin däl-de, eýsem, köpçülikleýin ulag serişdesi bolup biljekdigini subut etdi. Şunlukda, bu waka ýolagçy daşaýan awiasiýanyň düýbüniň tutulmagy hökmünde taryha girdi.**



# 81-nji sessiýanyň täze başlygy

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynda geçirilen ses berişlikde Bangladeşiň daşary işler ministri Halilur Rahman 81-nji sessiýanyň başlygy wezipesine saýlandy. Bir ýyllyk möhlet bilen Baş Assambleýanyň işine ýolbaşçylyk etjek täze başlyk ses berişligiň netijesinde agza döwletleriň 99-synyň goldawyny almagy başardy. Onuň bäsdeşi bolan Kipr Respublikasynyň wekili Andreas Kakuris bolsa 91 ses aldy. Sentýabr aýynda işe başlajak Halilur Rahman bu wezipede Germaniýanyň öňki daşary işler ministri Annalena Berbogyň ýerine geçer.



BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterriş täze saýlanan başlygy gutlap, onuň öňe süren «Ynamy dikeltmek, özgertmeleri dolandyrmak: hemmeleriň bähbidine işleýän Birleşen Milletler Guramasy» atly mowzugynyň örän wajypdygyny aýratyn belledi. Baş sekretaryň sözlerine görä, bu çemeleşme gurama döredilen 1945-nji ýyldan bäri dünýä jemgyýetçiliginiň umumy wezipeleri çözmek baradaky tagallalaryny birleşdirýän köptaraplaýyn ulgamy berkitmäge gönükdirilendir.

Antoniu Guterriş Baş Assambleýanyň häzirki ýolbaşçysy Annalena Berboga köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmäge, BMG-niň özgertmelerini durmuşa geçirmäge we «Geljegiň paktyny» amala aşyrmaga goşan goşandy üçin minnetdarlyk bildirdi. Guramanyň ýolbaşçysy Baş Assambleýanyň çäklerinde alnyp barylýan diplomatik gepleşikleriň durnuklylyga bolan ynamy artdyrýandygyny belläp, «Geljegiň pakty» we «BMG-80» başlangyçlarynyň guramany täzelemek üçin berk esas döredýändigini aýtdy.

***Gyrgyzystan öz taryhynda ilkinji gezek BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşine saýlandy***

Şol bir wagtda, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynda geçirilen ses berişligiň netijesinde, Gyrgyz Respublikasy taryhynda ilkinji gezek BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşiniň 2027-2028-nji ýyllar üçin hemişelik däl agzalygyna saýlandy. Gyrgyzystan ses berişligiň birnäçe tapgyrynda esasy bäsdeşi Filippinlerden üstün çykdy we agza döwletleriň zerur bolan üçden iki böleginiň – 142 ýurduň goldawyny gazandy. Gyrgyz Respublikasynyň Prezidenti Sadyr Žaparow gazanylan taryhy üstünlik mynasybetli halkyna ýüzlenip, bu wakanyň ýurduň halkara abraýynyň belentdiginiň subutnamasydygyny we Birleşen Milletler Guramasynyň taryhynda täze sahypany açjakdygyny aýratyn nygtady.

Resmi maglumatlara görä, 2027-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap, Gyrgyzystan bilen bir hatarda Awstriýa, Zimbabwe, Portugaliýa hem-de Trinidad we Tobago Respublikalary hem Howpsuzlyk Geňeşiniň hemişelik däl agzalary hökmünde öz borçlaryna girişerler. Täze saýlanan döwletler 2026-njy ýylyň 31-nji dekabrynda ygtyýarlylyk möhleti tamamlanýan Gresiýanyň, Daniýanyň, Pakistanyň, Panamanyň we Somaliniň ornuny tutarlar.

# Paşinýanyň partiýasy ýeňiş gazandy

**7-nji iýunda Ermenistanda geçirilen parlament saýlawlarynda ýurduň Premýer-ministri Nikol Paşinýanyň ýolbaşçylygyndaky «Raýat şertnamasy» partiýasy sesleriň 49,81 göterimini alyp, uly tapawut bilen ýeňiş gazandy. Ermenistanyň Merkezi saýlaw toparynyň habar bermegine görä, işewür Samwel Karapetýanyň «Güýçli Ermenistan» blogy 23,29%, öňki Prezident Robert Koçaryanyň «Ermenistan» blogy 9,94% hem-de «Gülleýän Ermenistan» partiýasy 4% ses alyp, bellenen sepgidi geçmegi başardylar. Ermenistanyň kanunçylygyna görä, parlamente girmek üçin partiýalara 4%, syýasy bileleşiklere bolsa 8-10% çägi geçmek şerti goýulýar. Bu gezekki syýasy çärä jemi 16 partiýa we iki partiýa bileleşigi gatnaşdy. Ýurtda hereket edýän «D'Ondt» ulgamyna görä, parlamentiň daşynda galan syýasy güýçleriň sesleri ýeňiş gazanan partiýalaryň arasynda paýlanyp, iň köp ses alan partiýa goşmaça orunlaryň berilmegini üpjün edýär.**

**Ýurt boýunça açylan 2005 sany saýlaw uçastogynda saýlawçylaryň işjeňligi ýokary boldy. Ýurtda jemi 1 million 476 müň 597 raýat ses bermäge gatnaşyp, gatnaşyk 58,97 göterime deň boldy. Premýer-ministr Nikol Paşinýan saýlawlaryň netijelerini ýurduň geljekki ösüşini we durnuklylygyny üpjün etjek taryhy ýeňiş hökmünde häsiýetlendirdi. Hökümet Baştutany daşary syýasatda köp ugurly, deňagramly we deňhukukly hyzmatdaşlyk ýörelgelerine berk ygrarlydygyny mälim etdi. Şunda Günbatar ýurtlary bilen gatnaşyklary yzygiderli ösdürmek bilen bir hatarda, Russiýa Federasiýasy bilen hem özara bähbitli hyzmatdaşlygy, şol sanda Ýewraziýa Ykdysady**



**Bileleşiginiň çäklerindäki söwda-ykdysady hem-de energetika ulgamyndaky gatnaşyklary dowam etdirmegiň göz öňünde tutulýandygy nygtaldy.**

**Hökümet Baştutany öz çykyşynda sebitde hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny berkitmegiň we taryhy parahatçylyk ylalaşyklarynyň esasynda geljekki nesiller üçin durnukly geljegi gurmagyň esasy ugurdygyny aýtdy. Saýlaw möwsüminiň asuda ýagdaýda geçmegi bilen, Ermenistanyň raýatlary bu syýasy çäräniň ýurtda parahatçylygyň, durnukly ösüşiň we syýasy durnuklylygyň berkemegine ýardam etjekdigine uly ynam bildirýärler.**

# Rim Papasynyň Ispaniýa sapary

Rim katolik buthanasynyň Baştutany Papa Lew XIV «Gözýetimiňizi giňeldip, ýokary göteriliň!» diýen şygar astynda Ispaniýa Patyşalygyna ilkinji apostollyk saparyny amala aşyrdy. Halkara we ýerli köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň habar bermegine görä, 6-njy iýunda başlanan we 12-nji iýuna çenli dowam eden alty günlük resmi sapar Rim Papasynyň 2025-nji ýylyň 8-nji maýynda mukaddes wezipä saýlanmagyndan bäri ýurda guraýan ilkinji wajyp saparydyr. Saparyň çäklerinde Rim katolik buthanasynyň Baştutany, takmynan, 2500 kilometr aralygy geçip, ýurduň dört sany iri şäherinde – Madridde, Barselonada, Gran-Kanariýada we Tenerifede guralýan jemi 21 sany resmi hem-de medeni-ynsanperwer çärelere gatnaşdy.

Dünýä jemgyýetçiliginiň üns merkezinde duran bu sapar diňe bir resmi häsiýete eýe bolman, eýsem, dini lideriň şahsy durmuşy we asly bilen hem aýrylmaz baglanyşyklydyr. Rim katolik buthanasynyň taryhynda ilkinji gezek Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň we Peru Respublikasynyň iki raýatlygyna eýe bolan Papa Lew



XIV ejesiniň aslynyň ispan bolmagy bu çärelere aýratyn ynsanperwer we dostlukly öwüşgin çaýýar. Bu ýokary derejeli saparyň we halkara hyzmatdaşlygyň dünýäde parahatçylygy, medeniýetara dialogy hem-de özara ynamy berkitmekde taryhy häsiýete eýedigi bellenilýär.

# Daniýada täze hökümet guruldy

Daniýanyň Premýer-ministri Mette Frederiksen ýurtda geçirilen parlament saýlawlaryndan soň, 69 günüň dowamynda jemlenen iň kyn we dowamly gepleşikleriň netijesinde täze dört partiýadan ybarat bolan koalisiýa hökümetiniň gurlandygyny habar berdi. Bu döwür Daniýanyň taryhynda täze hökümeti gurmak boýunça iň uzak dowam eden ylalaşyk tapgyry hökmünde hasaba alyndy.

Korol Frederik X bilen duşuşykdan soň çykyş eden Premýer-ministr M.Frederikseniň bellemegine görä, täze hökümetiň kabinetiniň düzümine Sosial-demokratlar, Sosialistik halk partiýasy, Sosial-liberal partiýasy we «Moderaterne» partiýasy girer. Täze hökümetiň syýasy maksatnamasy bolsa resmi taýdan ýakyn günlerde jemgyýetçilige ýetiriler. Hökümet Baştutany geçirilen gepleşikleri «uzak we agyr» diýip häsiýetlendirdi hem-de köp sanly kynçylyklara garamazdan, bu tapgyryň ahyrsoňy şowly tamamlanmalydygyny nygtady.

Ýeri gelende ýatlasak, Daniýada şu ýylyň 24-nji martynda parlament saýlawlary geçirilipdi. Saýlawlaryň netijesinde M.Frederikseniň ýolbaşçylygyndaky



ky Sosial-demokratlar partiýasy ýurduň iň uly syýasy güýji bolmagyny saklasa-da, ep-esli ses ýitirdi. Munuň netijesinde parlamentde çepçi we sagçy syýasy bloklar zerur köplügi üpjün edip bilmediler we bu ýagdaý täze hökümeti gurmak boýunça uzak möhletli gepleşikleriň geçirilmegine sebäp boldy.

# Täze halkara demir ýol ugry

Ýewropada iri halkara demir ýol we awtobus gatnawlaryny amala aşyrýan «Leo Express» çeh hususy kompaniýasy 25-nji iýunda Germaniýanyň, Çehiýanyň we Polşanyň iri şäherlerini birleşdirýän, uzynlygy 1300 kilometrden gowrak bolan täze halkara demir ýol ugruny açýar. Bu täze gatnaw yklymdaky iň uzyn göni demir ýol ugurlarynyň birine öwrülip, her ugurda günde bir gezek gatnaw yzygiderli amala aşyrylar.

Polşanyň Pşemysl şäherinden ýola düşen otly Krakow, Ostrawa, Praga, Drezden, Leýpsig we Erfurt şäherlerinden geçip, Frankfurt şäherine hem-de onuň Halkara howa menziline barar. Polşadan Germaniýa çenli petekleriň bahasy 10 ýewrodan başlanýan bu taslama barada «Leo Express» kompaniýasynyň baş direktory Peter Köler täze ugruň Günbatar we Gündogar Ýewropanyň arasyndaky gatnaşyklary has-da berkitjekdigini, möhüm sebit merkezlerini birleşdirip, amatly ýoly üpjün etjekdigini aýratyn belledi.

Bellenilen tertibe laýyklykda, Pşemysl şäherinden sagat 13:31-de ugraýan otly ertesi gün sagat 07:53-de Frankfurtyň howa menziline barar we bu ýerde ýolagçylara yklymara uçuşlara bökdençsiz ýetişmäge mümkinçilik döreder. Frankfurtdan yzyna gaýdýan otly bolsa sagat 08:27-de ugrap, ertesi gün gije sagat 02:23-de Pşemysla barar. Şeýle hem bu gatnaw Praga, Drezden, Leýpsig, Erfurt




we Frankfurt şäherleriniň arasynda göni aragatnaşygy üpjün eder. Ýolagçylaryň rahatlygyny üpjün etmek maksady bilen, täze otlynyň ähli wagonlary simsiz internet (Wi-Fi), zarýad beriji USB portlar we beýleki döwrebap amatlyklar bilen üpjün ediler.

# Kwant kompýuter işe girizildi

Ispaniýa we Ýewropa Bileleşigi ylmy barlaglaryň netijeliligini ýokarlandyrmak hem-de emeli aň ulgamyny ösdürmek maksady bilen, Barselonanyň superkompýuter merkezinde bahasy 10 million ýewro barabar bolan täze kwant kompýuterini ulanmaga berdi. «MareNostrum 5» atly umumy ulgama birikdirilen bu döwrebap desga adaty hasaplamalary sanly we analogly kwant maglumatlaryny işläp taýýarlamak ulgamy bilen utgaşdyrýar. Ýewropa Komissiýasynyň hem-de Ispaniýanyň Sanlylaşdyrmak we emeli aň baradaky döwlet sekretarlygynyň maliýeleşdirmeginde gurlan täze enjam adaty kompýuterleriň amala aşyryp bilmejek örän çylşyrymly we uly kuwwatly algoritmik meseleleri gysga wagtda çözmäge ukyplydyr.

Täze kwant kompýuteri taryhy Torre-Žirona binalar toplumynda ýerleşýän «MareNostrum Ona» diýlip atlandyrylýan ýörite bölümde gurnaldy. Bu ýerde, eýýäm, ulanmaga berlen öňki iki maşyn häzirki wagta çenli Ispaniýanyň superhasaplamalar ulgamynyň çäklerinde saýlanyp alnan 53 sany ylmy-barlag taslamasy boýunça köp sanly hasaplama işlerini üstünlikli ýerine ýetirdi. Häzirki wagtda täze işe girizilen enjam hem durmuşa geçirilýän ylmy taslamalaryň we tehnologik synaglaryň gerimini has-da giňeltmäge doly şert döredýär.

Dolulygyna Ýewropanyň ýerli tehnologiýalaryna esaslanýan bu taslama sebitiň öz superkompýuter kuwwatyny hem-de döwrebap infrastrukturasyny berkitmek boýunça alyp barýan «EuroHPC JU» başlangyjynyň çäklerindäki umumy ulgama birikdiriler. Häzirki güne çenli bu başlangyç tarapyndan Ýewropanyň dürli ýurtlarynda ýerleşýän şeýle kompýuterleriň altysy satyn alnyp, olaryň Polşada, Çehiýada we Germaniýada gurlan üçüsi ylmy barlaglar üçin netijeli ulanylýar. Hünärmenleriň bellemegine görä, bu strategik ädim Ýewropanyň tehnologik taýdan özbaşdaklygyny üpjün etmekde we daşary ýurtlaryň iri tehnologiýa kompaniýalaryna bolan garaşlylygyny azaltmakda möhüm orna eýedir.



# Owadan dynç alyş merkezleri

Bilermenleriň geçiren ylmy barlaglarynyň netijesinde, dünýäniň iň owadan we täsirli şypahana (spa) merkezleriniň täze sanawy yglan edildi. Britaniýanyň «Spa-Seekers» gullugy tarapyndan döwrebap «aýtreking» (gözüň hereketini yzarlamak) tehnologiýasynyň kömegi bilen geçirilen bu barlagda Täze Zelandiýanyň «The Lost Spring» merkezi 96,2 utuk toplap, dünýäniň iň gözel dynç alyş ýeri diýlip ykrar edildi. Alymlar şypahana merkeziniň dizaýnynyň we töweregindäki tebigy gözelligiň adamyň saglygyna hem-de ruhy galkynyşyna berýän täsiriniň bejeriş emellerinden pes däldigini subut etdiler.

Barlagyň netijelerine görä, sanawyň öňdebaryjy orunlaryna Awstraliýanyň «Peninsula Hot Springs», Indoneziýanyň «COMO Shambhala Estate» we Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Alýaska ştatynda ýerleşýän «Chena Hot Springs» merkezleri mynasyp boldular. Ýewropa sebitinden bolsa Italiýanyň Garda kölüniň kenaryndaky «Lefay Resort & Spa» merkezi özüniň üýtgeşik binagärlik aýratynlygy we tebigy landşafty bilen ilkinji bäşligiň hataryna girdi. Barlagda dünýäniň bäş yklymyndan jemi 50-den gowrak desga seljerilip, olaryň adamyň ünsüni özüne çekiş tizligi we ony saklap bilmek ukyby esasy görkeziji hökmünde saýlanyp alyndy.

Umuman alanyňda, bu ylmy barlag döwrebap binagärlik çözgütleriniň we tebigy gurşa-



wyň sazlaşygynyň ynsan saglygyny dikeltmekdäki ähmiýetini ýene bir gezek tassyklady. Sanawa giren desgalar diňe bir ýokary hilli hyzmatlary bilen däl, eýsem, özüniň estetik gözelligi we ruhy rahatlygy döredýän dizaýny bilen hem dünýäniň iň meşhur syýahatçylyk ugurlaryna öwrüldi. Bularyň hatarynda Şri-Lankanyň, Tailandyň, Mawrikiniň we Beýik Britaniýanyň döwrebap dynç alyş merkezleri hem bar.

# Iň uzyn pyýada asma köprüler

Wengriýada bina edilen «Zemplén 723» asma köprüsü 723 metr uzynlygy bilen resmi taýdan dünýäniň iň uzyn adaty pyýada asma köprüsi hökmünde ykrar edildi we geçen ýyl Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi. Şatoralýauýheý şäheriniň golaýynda iki depäni birleşdirýän 84 metr beýiklikdäki bu desga öňki rekordçy bolan Çehiýanyň «Sky Bridge 721» köprüsinden iki metr artyk uzynlygy bilen tapawutlanýar. Ýewropada pyýada asma köprüleriniň gurluşygynda soňky ýyllarda gazanylan bu üstünlikler Aziýadaky meşhur desgalaryň görkezijilerinden hem öňe saýlandy. Täze açylan Wengriýadaky köpri diňe bir syýahatçylyk taýdan däl, eýsem, simwoliki ähmiýete hem eýe bolup, ol halkyň agzybirligini aňladýan «Milli bitewilik köprüsi» diýlip atlandyrylýar.

Bu desgalar inženerçilik çäreleriniň çylşyrymlylygy we beýikligi bilen haýran galdyrýar. Meselem, dünýäde ikinji, Ýewropada bolsa birinji ýerde duran Çehiýanyň «Sky Bridge 721» köprüsü 95 metr beýiklikde ýerleşip, onuň gurluşygynda jemi 400 tonna polat konstruksiýa ulanyldy. Germaniýada bolsa 2023-nji we 2024-nji ýyllarda açylan «Skywalk Willingen» (665 m) hem-de «Highwalk» (617 m) köprüleri dünýä reýtinginde öňdäki orunlary eýeleýärler. Wengriýadaky täze rekordçy bolsa 500 tonna polatdan ybarat bolup, onuň merkezinde ýörite aýna böleginiň ýerleşdirilmegi syýahatçylar üçin has-da täsirli şertleri döredýär.



Häzirki wagtda dünýäniň dürli künjeklerinde, şol sanda Hytaýda, Nepalda we Ýaponiýada beýik asma köprüler bar bolsa-da, inženerçilik taýdan iň uzyn pyýada ýollary Germaniýa, Çehiýa, Finlýandiýa we Wengriýa ýaly Ýewropa ýurtlaryna degişlidir. Bu desgalar sebitde syýahatçylygyň ösmegine we tebigy landşaftlara täzeçil görnüşde syn etmäge uly mümkinçilikleri açýar.

# Süýjülik tortunyň haýsy görnüşini halaýarsyňyz?!

**Baýramçylyklaryň, dabaralaryň we doglan günleriň garaşylýan tagamy bolan süýjülik tortlary b. e. öňki 2600-nji ýyllarda gadymy müsürliler tarapyndan taýýarlanyp başlanýar. Ilkibaşda bal bilen çörekden taýýarlanan süýjülikler XIX asyrda häzirki zaman görnüşine gelýär. Süýjülik tortlary hödür edilende, iýmekden ýüz öwürýän adam, megerem, ýok bolsa gerek. Dünýäde tortlaryň şokoladly, kakaoly, hozly, pisseli we garyşyk miweli görnüşleri bolup, her ýerde özüne mahsus usulda taýýarlanýar. Gazetimiziň şu sanynda meşhur süýjülik tortlarynyň käbiri baradaky maglumatlary dykgatyňyza ýetirýäris.**

**«Karpatka».** Çörek we çörek önümleri boýunça dünýäde öňdeligi eýeleýän Polşanyň bu meşhur süýjüligi giňden ýaýrandyr. Adyny hemişe üsti garly Karpat dagla-



ryndan alýan tortda krem köp ulanylýar. Taýýarlanyş usuly azdakände çylşyrymly bolan karpatka tortunyň üstüne şeker külkesi sepilip hödür edilýär. Un, suw, şeker we ýumurtgadan taýýarlanýan karpatka 1995-nji ýylda söwda markasyna öwrülýär.

**«Prinsesstarta».** Şwesiýanyň nusgawy tortlarynyň biri bolan «Şagyzy tortunyň» (Prinsesstarta) iň esasy aýratynlygy daşynyň ýa-



şyl bolmagydyr. Üwelen badam hamyryndan daşy gaplanýan bu süýjülige «ýaşyl tort» hem diýilýär. Tort ilkinji gezek geçen asyryň başynda Şazada Karl Winsentiň gyzlaryna sapak berýän mugallym Jenni Akerstrom tarapyndan taýýarlanylýar. Bu süýjülige şol sebäpden «Şagyzy torty» diýilýär.

**«Mille-feuille».** Dünýäde fransuz tagamlarynyň ençemesi meşhur bolup, şolaryň arasynda «Mille-feuille» tortunyň orny has uludyr. «Milföý» diýlip okalýan bu tortuň ady «müň ýaprak» diýen manyny berýär. Tort gat-gat edilip, doňdu-



rylyp goýlan «milföý» hamyryndan taýýarlanylýar. Üç gatly «milföý»-iň arasyna adaty tort kremi çalnyp hödür edilýär. Bu süýjüligiň asyl nusgasynda hiç hili miwe görnüşi ýok. Ýöne häzirki wagtda müşderileriň islegine görä dürli miweli görnüşleri hem taýýarlanylýar.

**«Bienenstich».** Germaniýanyň meşhur süýjülik tortlarynyň biri bolan «Bienenstich» «arynyň çakmagy» diýmegi aňladýar. Süýji çöregiň



arasyna goýlan krem tortuň esasyny düzýär. Üstüne-de bal çalnyp, çalaja gowrulan badam owuntyklary sepilýär. Bu tort öz gözbaşyny XV asyrdan alyp gaýdýar.

**«Sachertorte».** Awstriýanyň dünýä belli torty bolan «Zaher»



(Sachertorte) köp mukdarda şokoladly bolmagy bilen tapawutlanýar. Şokolady aşa gowy görýän 16 ýaşly Frans Zaher tarapyndan oýlanyp tapylan bu tortuň içi-daşy şokolod bilen örtülýär. Torta erigiň mürepbesi hem goşulyp taýýarlanylýar.

**«Victoria sponge cake».** Şa zenany Wiktoriýanyň ikindinara içýän çaýynyň ýany bilen iýen torty bolany üçin «Victoria sponge cake»



diýilýän bu süýjülik adaty tort hamyryndan taýýarlanylýar. «Wiktoriýanyň sendwiçi» hem diýilýän bu süýjüligiň iki gatynyň arasyna tort kremi we malina mürepbesi çalynýar. Üstüne bolsa şeker külkesi sepilip hödür edilýär. Gelip çykyşy Ispaniýada diýlip çaklanylýan bu tort Beýik Britaniýanyň çäginde has meşhurdyr.

**«Kransekage».** Esasan hem, Daniýadyr Norwegiýada, şol sanda beýleki Skandinaw ýurtlarynda-da hemmäniň halaýan torty kranseka-



ge bolup, ol Täze ýyl baýramçylygynyň, toý saçaklarynyň bezegidir. Badamly hamyr halkalaryndan gat-gat edilip taýýarlanýan bu tort XVIII asyrdan gözbaş alýar. Piramida şekilindäki şol halkalar ýörite şire bilen birleşdirilýär.

**«Torta rogel».** Argentinleriň özboluşly süýjüligi ençeme gatdan ybarat bolup, doňdurylyp goýlan hamyrdan, ýagny «milföýden»



taýýarlanýar. Şol çala bişirilen hamyrlaryň arasyna-da şekerli süýt goýultmasy (moloko) çalynýar. Üstüne-de ýumurtganyň agyndan taýýarlanan süýjülikler goýlup hödür edilýär. «Torta rogel» argentinleriň nusgawy süýjüligi hasaplanýar.

**«Chaja».** Argentinleriň goňşusy Urugwaýda «Chaja» atly özboluşly tort meşhur bolup, ol adyny tüýlek guş görnüşi «Chaja»-dan al-



ýar. Tortuň daşyna owradylan zefir çalynýar. Şeýle hem tagamy ýeňil bolan tortuň üstüne, gatlarynyň arasyna kesilen şetdaly bölejikleri goýulýar.

**«Ube cake».** Filippinlerde doglan günleriň iň esasy süýjülik bolan «Ube cake» torty daşky görnüşi bilenem köpleri özüne bendi edýär. Tortuň benewşe reňki diňe Filippinlerde ýetişdirilýän özboluşly kartoşkadan alynýar. Köplenç 2 gatly taýýarlanýan torta mesge hem-de adaty tort kremi çalynýar. Benewşe tort dürli görnüşde, dürli şekilde we dürli miweler bilen hödür edilýär.



**«Hummingbird cake».** Ýamaýka döwletiniň iň meşhur süýjüligi bolan bu tagama «Doctor bird cake» torty hem diýilýär. Miweleri aşa gowy görýän guşlary hem özüne



bendi edýän bu torty iýen adam hyýalynda tropik dünýä aralaşan ýaly bolýar. Ananas, banan, wanilin we beýleki goşundylardan taýýarlanylýan tort diňe bir Ýamaýkada däl, ABŞ-nyň Günorta sebitlerinde-de giňden ýaýrandyr.

**«Melktert».** Günorta afrikalylaryň meşhur torty bolan Melktertiň iň esasy goşundysy süýt bilen un



bolup, oňa şeker hem-de ýumurtga garylýar. Ýewropalylaryň pirogyny ýadyňa salýan bu tort XVII asyrdan bäri Afrikada taýýarlanylýar.

# Kuber-Pedi – opalyň ýerasty paýtagty

**Kuber-Pedi Awstraliýanyň iň çetki böleginde ýerleşýän, örän gurak we giň landşaft bilen gurşalan kiçijik şäherdir. Örän yssy howa sebäpli şäherçäniň ýaşaýjylary ýerasty gowaklarda, ýagny ýerzeminde ýaşaýarlar. Ýaşaýyş jaýlaryndan başga-da, bu ýerde ýerasty ybadathanalar, muzeýler we dükanlar hem bar. Şäherçäniň 1700 ýaşaýjysy bar.**

**1915-nji ýylda bu sebitden ilkinji gezek opal tapylandan soň, Kuber-Pedi şäherçesi esaslandyrylýar. Az wagtdan bu ýere dünýäniň 40-dan gowrak ýurdundan adamlar göçüp gelip, opal gazyp almak bilen meşgullanyp başlaýarlar. Dünýäde opal önümçiliginiň 95 göterimini Awstraliýa emele getirýär. Şol sebäpli Kuber-Pedi şäherçesine «Dünýäniň opal paýtagty» diýilýär.**

**Opal näme? Opal gidratlanan amorf kremniý görnüşidir. Opal sanskrit dilindäki «upala» sözünden gelip çykyp, «gymmatbaha daş» diýmegi aňladýar. Bu gymmatbahaly mineral gök reňkde bolup, ýalpyldawuk şöhle saçýar. Opal şaý-seplere, ýüzüge gymmatbahaly daş hökmünde oturdylýar. Gök daşdan monjukdyr gulakhalka hem ýasalýar. Mundan başga-da, oda çydamly gurluşyk materiallaryny öndürmekde opaldan peýdalanylýar.**

**Kuber-Pedi şäherçesinde 250 müňden gowrak şahta bar. Bu ýerde topragyň azdygy, çäge garyşyk daş gatlagynyň bolmagy şahta gazmak işlerini kynlaşdyrýar. Şahtalaryň ählisi döwlete degişli bolup, hususy eýeçilik ýöredilmeýär. Ýaşaýjylar ilkibaşda öýünden hem opal gazyp alyp bilýärdiler. Ýöne soňky ýyllarda ýerasty ýaşaýyş jaýlarynda gök magdan känini gazyp almak gadagan edildi.**

**Magdançylar şäherçesine halk arasynda «Ak adamyň çukury» hem diýilýär. Sebäbi ilatyň ýarysyndan gowragyny ýewropalylar emele getirýär. Kuber-Pedide tomsuna howanyň gyzgynlygy 45-50 derejede saklanýar. Ösümligiň azdygy, suw ýetmezçiligi we şäherçäniň gurak ýerde ýerleşmegi, tozanly hem-de epgekli ýelleriň köp öwüsmegi ýaşaýyş şertini kynlaşdyrýar. Şol sebäpli şäherçäniň ýaşaýjylary baýyrlary gazyp, ýerasty jaýlary gurýarlar. Şäherçäniň ilatynyň 60 göterimden gowragy ýeriň astynda ýaşaýar. Ýerasty öýler sessiz we rahat bolup, içki temperatura 23 derejede saklanýar.**








**Şeýle hem tomus paslynda duş gelýän zäherli mör-möjeklerden goranmaga ýardam edýär. Şäherçede dartgynly wakalara baý birnäçe film («Gara reňk», «Gyzyl planeta», «Kenguru Jek», «Opal arzuwy», «Marsdaky ýyldyzlar») surata düşürildi.**

# «Volkswagen»-iň meşhur binasy

Awtoulag senagatynda öňdeligi eýeleýän «Volkswagen» (halk awtoulagy) awtoulag konserni ulaglarynyň hili we çydamlylygy bilen tapawutlanýar. 1937-nji ýylda esaslandyrylan bu kompaniýanyň baş edarasy Wolfsburg şäherinde ýerleşýär. Bu şäherde «Volkswagen»-iň zawody bolup, golaýynda «Autostadt» (awtoulag şäherjigi) ýerleşýär. «Autostadt» iki sany köp gatly aýna binadan ybarat bolup, kompaniýanyň täze öndürilen modelleri şol ýerde görkezilişe çykarylýar. Silindr görnüşli, merkezinde ulaglary ýokary göterip, aşak düşürýän özboluşly lifti bolan bu binalaryň beýikligi 60 metr bolup, her birine dört ýüzden gowrak ulag ýerleşýär.

Binalaryň gurluşygynda esasy serişde hökmünde aýna ulanylypdyr. Ýerli ýaşaýjylar uzyn binalary «awtoulag duralgasy» diýip atlandyrsalar-da, bu ýerde «Volkswagen»-iň täze önümler mahabatlandyrylýar. Aýna diňler 700 metrlik ýerasty tunnel arkaly zawoda birigýär. Zawoddan çykan «Wolkswagenler» tunneldäki relslere mündürilip, ýerzeminden göni mahabat binasyna getirilýär. Bu ýerde täze ulaglar sekuntda iki metr tizlik bilen hereket edýän lift arkaly ýokary galdyrylyp, ýerli-ýerine goýulýar. Ulgamyň esasy aýratynlygy täze awtoulaglary hiç hili herekete getirmezden, müşderilere gowşurmakdyr. Ýagny satyn alyjy awtoulagyň geçen ýoluny noldan herekete getirip başlaýar.





«Volkswagen»-iň meşhur binalary – aýna diňler 2000-nji ýylda gurlup, bu ýere ýylda 2 million töweregi müşderi barýar. Binanyň çäginde awtoulag muzeýi, uly kinoteatr, awtoulag brendleriniň pawilýonlary bolup, uzyn binanyň özboluşly aýratynlyklary bilen tanyşdyrylýan 15-20 minutlyk gezelençler guralýar. Otaglaryň biri kompýuterler bilen abzallaşdyrylyp, müşderiler «Volkswagen»-iň modelleriniň tehniki we bezeg aýratynlyklary bilen içgin tanşyp bilýärler. Myhmanlar aýna liftler arkaly binanyň iň ýokarky – 20-nji gatyndaky synlaýyş otagyna baryp aşaklygyna seredenlerinde binanyň içindäki täsin gurluşa şaýat bolýarlar. Mundan başga-da, müşderiler zawoda baryp, satyn alýan ulaglarynyň önümçilik pursatlaryny hem synlap bilýärler. «Autostadt» diňi diňe müşderileriň ünsüni özüne çekmän, syýahatçylyk babatda hem meşhur ýerleriň biridir.

# Gan basyşyny kadaly saklamagyň usullary



**Pasyl çalşygynda we howanyň aşa yssy günlerinde gan basyşynyň üýtgemegi bilen bagly ýagdaýlar ýygy-ýygydan ýüze çykýar. Ýokary gan basyşy (gipertoniýa) ýürek-damar ulgamyna ýaramaz täsir edýän ýagdaýlaryň biridir. Gipertoniýa bejerilmese ýa-da üns berilmese, ýürek ýetmezçiligi, beýnide gan aýlanyşynyň bozulmagy we böwregiň işi bilen bagly çynlakaý meseleler ýüze çykyp bilýär. Hünärmenler gan basyşyny kadaly saklamagyň ýa-da ýokary gan basyşyny tebigy ýollar bilen peseltmegiň usullaryny maslahat berýärler.**

**Gün tertibine eýermek.** Nädogry iýmitlenmek we uky ýetmezçiligi gan basyşynyň ýokarlanmagyna täsir edýär. Bularyň öňüni almak üçin gün tertibine eýermeli, doly we dogry iýmitlenmeli hem-de ýeterlik derejede dynç almaly.

**Agramy gözegçilikde saklamak.** Artykmaç agram bedende dürli kynçylyklary döredýär. Şolaryň biri hem gan basyşynyň ýokarlanmagydyr. Boýuňa we ýaşyňa görä agramy kadaly derejede saklamaga çalyşmaly. Munuň üçin bolsa, sagdyn iýmitlenmeli we sport bilen meşgullanmaly.

**Limonly suw we aýran içmek.** Limonda saklanýan kaliý duzuň gan basyşyny ýokarlandyrmakdaky täsirini peseldýär. Limonly suw içmek gan basyşynyň ýokarlanmagynyň öňüni alyp, bedeniň köşeşmegine ýardam edýär. Mundan başga-da, her gün ýeterlik derejede süýt önümlerini iýmek, esasan hem, duzsuz aýran içmek gan basyşyny kadaly derejede saklamaga kömek edýär.

**Sarymsak iýmek.** Sarymsak damarlary giňeldip, gan aýlanyşyny kadalaşdyrýar. Ajymtyk ýiti tagamly bu gök önümi çigligine iýmek ýa-da nahara goşmak bilen gan basyşyny kadaly derejede saklap bolýar.

**Käbir iýmitleri goşmak.** Iýmit sanawnamasyna kaliý, kalsiý we Omega-3 ýag kislotasyna baý önümleri goşmak gan basyşyny kadaly derejede saklamaga ýardam edýär. Banan, awokado, pomidor we gawun ýaly miwedir gök-bakja önümlerinde ýeterlik derejede kaliý saklanýar. Süýt önümlerinde, brokkolide, badamda we gök otlarda kalsiniň esasy bölegi saklanyp, balykda (losos), hozda, ýumurtgada we kösükli önümlerde Omega-3 ýag kislotasy bar. Bular gan basyşyny kadaly saklamak üçin örän peýdalydyr.

**Maşk etmek.** Hepdede azyndan 2 sagat orta tizlikde maşk etmek, çalt-çaltdan ýöremek ýa-da ýeňiljek ylgamak gan basyşyny kadaly derejede saklamak üçin peýdalydyr. Sebäbi bu maşklar toplumy ýürek-damar ulgamyny berkitmäge ýardam edýär.

**Sowuk suwa ýuwunmak.** Hünärmenleriň bellemegine görä, hammamy ilki gyzgyn suw bilen başlap, sowuk suw bilen gutarmak nerw damarlaryny herekete getirip, bedeni rahatlandyrýar hem-de ýokary gan basyşynyň öňüni almaga ýardam edýär.



# Dünýädäki täsin myhmanhanalar

● **Dünýäniň iň gadymy myhmanhanasy.** Ýaponiýanyň Haýakawa şäherinde ýerleşýän Nisiýama Onsen Keýunkan myhmanhanasy 705-nji ýylda gurulýar. 37 otagly, kaiseki restoranly bu myhmanhana nusgawy sungat esbaplary bilen bezelipdir. Otaglaryna tatami matasyndan düşek ýazylan bu myhmanhanada hyzmatkärler nibu-şiki kimono (iki bölek milli eginbaş) geýýärler. Myhmanhanada açyk we ýapyk gyzgyn hammamlar bolup, Ýapon Alp daglarynyň eteginde medeniýetli dynç almaga mümkinçilik berýär. 2011-nji ýylda Nisiýama Onsen Keýunkan Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyna dünýäniň iň köne myhmanhanasy hökmünde girizildi. Nara döwründe döredilen bu myhmanhana şol bir maşgalanyň 52-nji nesli tarapyndan dolandyrylýar. Iň köne myhmanhana Ýaponiýanyň taryhy we medeniýeti bilen tanyşmaga hem mümkinçilik berýär.



● **Dünýäniň iň beýik myhmanhanasy.** Birleşen Arap Emirlikleriniň Dubaý şäherinde ýerleşýän 4 ýyldyzly Gewora myhmanhanasy 12 ýyllyk gurluşykdan soň 2018-nji ýylda myhmanlara gapysyny açýar. 75 gatdan ybarat, beýikligi 356 metre barabar bolan myhmanhanada 528 otag, restoranlar we aşagynda awtoulag goýulýan birnäçe howuzly desga bar. Myhmanhana mermer we altynsow reňkli gurluşyk önümleri bilen bezelipdir. Gewora myhmanhanasynyň birinji gatynda kabulhana bolup, myhman otaglary iň kiçi bir otag, uly bir otag, iki otag ýaly kategoriýalara bölünýär. Kabulhanada Geworanyň dünýäniň iň beýik myhmanhanasydygyny tassyklaýan Ginnesiň rekordlar nyşanyny görmek bolýar. Myhmanhananyň 12-nji gatynda asma ýoly arkaly birleşýän awtoulag duralgasynyň binasy bar. Myhmanhanada sowgatlyk dükanlar, güýmenje meýdançalary we «gyzgyn küýze» diýlip atlandyrylýan hammamlar bar. Myhmanhananyň ýokarky gatlarynda bulutlaryň arasynda dynç alyp, Dubaý şäheriniň gözelligini synlap bolýar.



● **Dünýädäki ilkinji we iň uly buz myhmanhanasy.** Şwesiýanyň demirgazygyndaky Jukkasjärwi şäherçesinde ýerleşýän «Icehotel» gar we buzdan gurlan dünýädäki ilkinji hem-de iň uly myhmanhana hasaplanýar. 1990-njy ýylda ilkinji gezek myhmanlara gapysyny açan bu myhmanhana her ýyl Torne derýasyndan alnan 900 tonnadan gowrak buzdan we 30 tonna töweregi gardan täzeden gurulýar. Her ýyl dekabr-aprel aýlary aralygynda açyk bolýan myhmanhanada howa -5 derejede saklanýar. «Icehotel» myhmanhanasy 6 müň inedördül metr meýdany tutýar. 30 ýyldan gowrak wagt bäri myhmanlary garşy alýan bu myhmanhanada gardan we buzdan ýasalan sungat gurnamalary, eksponatlar ýylyň-ýylyna täzeçe görnüşde ýasalýar. Buz basgançaklary, buz lýustralary we buzdan döredilen kartinalary bilen syýahatçylarda ýatdan çykmajak täsirleri galdyrýan myhmanhana Şwesiýanyň hökman baryp görmeli täsinlikleriniň biri hasaplanýar.



● **Dünýäniň iň beýik piramida myhmanhanasy.** 88 gatly Jin Mao diňiniň ýokarsynda ýerleşýän Grand Hýatt Şanhaý myhmanhanasy piramida şekilinde gurlan täsin myhmanhana hasaplanýar. Birinji gaty 329 metr belentlikde ýerleşýän bu myhmanhanada 548 otag bar. Myhmanhana 33 gatly tegelek atriumdan ybarat. Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyna girizilen Grand Hýatt Şanhaý myhmanhanasynda 18 dürli otag stili bar. Otaglara barmak üçin spiral ýaly aýlanyp gidýän tegelek basgançaklardan ýöremeli bolýar. Basgançaklaryň aralygyndaky boşlugyň (däliz) diametri 27 metre, beýikligi 115 metre barabar. Huangpu derýasynyň boýunda gurlan piramida görnüşli bu myhmanhana Hytaýyň taryhy gymmatlyklaryny öwrenmäge hem mümkinçilik berýär.



● **Dünýädäki iň beýik açyk howuzly myhmanhana.** Birleşen Arap Emirlikleriniň Dubaý şäherindäki «Address Beach Resort» myhmanhanasy çür başyndaky açyk howuz bilen görenleri haýran galdyrýar. Myhmanhananyň 77-nji gatynda – 294 metr belentlikde ýerleşýän uzynlygy 95 metre, ini 16,5 metre barabar howuz dünýä ölçeglerinde rekord goýýar. Täsin howuz Olimpiýa howzundan iki esse diýen ýaly uly. Owadan binaly myhmanhananyň depesindäki açyk howuzda ýüzüp ýörşüňe özüňi kenary palmalar bilen bezelen deňizde ýaly duýýarsyň. Howzuň kenarynda Güne ýanmak üçin oturgyçlar we restoran hem bar. Ýokardan seredeniňde ullakan gämä meňzeýän bu howuz Dubaýyň täsin ýerleriniň biri hasaplanýar.





Sahypany taýýarlan Sumbar ALYŞIROW.

# Siz haýsy oýnawajy halaýarsyňyz?!

**KIÇIJIK ULAGLAR.** Iň gyzykly oýnawaçlaryň biri hasaplanýan «Hot Wheels» brendi kiçijik awtoulaglaryň jemlenen toplumydyr. 1968-nji ýylda amerikaly işewür Elliot Handler tarapyndan oýlanyp tapylan oýnawaç toplumynyň düzümine 6 milliarddan gowrak awtoulag girýär. 5-15 ýaş aralygyndaky çagalara niýetlenen kiçijik ulaglar dünýäde iň köp satyn alynýan oýnawaçlaryň biridir. Bu oýnawajyň sökülip-düzülýän, metaldan we plastmassadan ýasalan ýaryş ulaglary, motosiklet, ýük ulaglary ýaly dürli görnüşleri bar.



**BARBI.** 1959-njy ýyldan bäri öndürilip gelinýän Barbi gurjaklary gyzjagazlaryň iň eý görýän oýnawaçlarynyň biridir. Amerikaly işewür zenan Rut Handler tarapyndan döredilen bu gurjaklar Germaniýada satylýan «Bild Lilli» gurjagyndan ylham alnyp ýasalypdyr. Barbi gurjagynyň esasynda birnäçe wideo oýunlary, animasiýa filmi taýýarlandy. Barbi we onuň dosty Ken dünýäde iň meşhur iki gurjak hökmünde häsiýetlendirilýär. Barbiniň özüne degişli esbaplary, egin-eşikleri we birnäçe jorasy bar.

**LEGO** gyzykly hem-de peýdaly oýnawaçlaryň biridir. Bu oýnawaç sökülip-düzülýän birnäçe plastmassa bölejiklerden ybarat bolup, kiçijik bölejiklerden jaý, piramida we dürli şekilleri düzüp bolýar. 1949-njy ýylda «gurluşyk kerpiçlerini» öndürip başlan LEGO dünýäniň iň uly oýnawaç kompaniýasyna öwrülýär. Bu kompaniýa her ýyl 36-60 milliard töweregi oýnawaç böleklerini we şaýlaryny öndürýär. LEGO «kiçijik gurluşykçylaryň» arasynda ýaryşlardyr döredijilik bäsleşiklerini hem geçirýär. Bu oýnawaç brendiniň çäginde birnäçe film, oýun we 8 sany «Legoland» dynç alyş seýilgähi döredildi.




**SLINKI.** 1943-nji ýylda amerikan inžener-mehanigi Riçard Jeýms tarapyndan oýlanyp tapylan älemgoşar pružinjik iň köp isleg bildirilýän oýnawaçlaryň biri hasaplanýar. Riçard harby-deňiz güýçlerinde gulluk edýän döwri pružinlerde tejribe-synag işlerini geçiripdir. Synaglaryň birinde garaşylmadyk ýagdaýda pružinleriň biri onuň elinden gaçyp, emaý bilen «ýöräp» başlapdyr. Bu ýagdaýa geň galan Riçard



pružini öýüne alyp gaýdypdyr we öz açyşyny maşgalasy bilen paýlaşypdyr. Oýlap tapyjy pružini kämilleşdirip, çaga oýnawajyny ýasamaly diýen karara gelipdir. Pružinjigiň ahyrky görnüşi 98 aýlawly bolup, beýikligi 6,5 santimetre deň. Şwed dilinden terjime edilende, «akgynly, aýlawly we geň-enaýy» diýen manyny berýän slinki 1945-nji ýylda satuwa çykarylýar. Öndürilip başlananyna 80 ýyl töweregi wagt geçendigine garamazdan, slinkiniň asyl durky we görnüşi üýtgedilmändir.

Mundan başga-da, Rubigiň kubjagazy, Jenga diňi, kaleýdoskop, üflenýän köpürjikler, teketombo, goblet, plastmassa bowling, pyrlawaç ýaly oýnawaçlar wagtyňy peýdaly we gyzykly geçirmek üçin iň gyzykly güýmenjeler hasaplanýar.

10 tapawudy tapyň!



# ÝYLANYŇ DERISINE MEŇZEŞ MIWE

Tebigatda täsinlikler we geň zatlar şeýle bir kän welin, hatda olaryň käbirini göreniňde gözüňe hem ynanmaýarsyň. Günorta-gündogar Aziýanyň tropik tokaýlarynda ýetişýän ýylanyň derisine meňzeş miwe hem şolaryň biridir. Bu miwä salak diýilýär. Palma meňzeş agaçda bitýän bu miwe ylmy dilde «Salacca zalacca» diýlip atlandyrylýar. Halk arasynda «ýylan miwesi» ady bilen tanalýan salagyň ata Watany Indoneziýa bolup, Ýawa we Bali adalarynda, şeýle hem Tailand, Malaýziýa we Filippinlerde ösdürilip ýetişdirilýär.

Bu miwäni ilkinji gezek görýän adamyň ellemäge gorkmagy mümkin. Sebäbi miwäniň ýalpyldawuk gabygy edil ýylanyň we krokodiliň derisini ýatladýar. Ýylanyň derisine meňzeş miweler pessejik boýly palma agajynyň düýbünde, ýere golaý böleginde topbak-topbak bolup ösýärler. Miwäni ýygnamak aňsat däl. Sebäbi palmanyň baldagynda uly tikenler bolup, eliňe çümýär. Salagyň owunjak teňňeli we ýukajyk gabygy bolup, gaýnadylan ýumurtganyň gabygy ýaly arassalanýar.



Ýöne eliňe çümýändigi sebäpli, seresap arassalamaly. Sosnanyň gozasyna çalym edýän bu miwäniň içi – iýilýän ýeri 3 bölekden ybarat. Gowaça gozasynyň hanasyna meňzeýän bu bölekleriň hersinde ýekeje uly goňur çigit bolýar. Almanyň, ananasyň we bananyň bilelikdäki tagamyny ýada salýan salak miwesi suwlulygy we süýjüligi bilen tapawutlanýar.

Ýylanyň derisine meňzeş miwe köplenç terligine iýilýär. Bu miweden dürli süýjülikler, şerbetler we işdäaçarlar hem taýýarlanylýar. Käbir ýurtda bolsa duza ýatyrylyp ýa-da marinadlanyp hem iýilýär. Salak gözüň saglygy, beýniniň işjeňligi we iýmit siňdiriş üçin peýdaly miweleriň biridir.



## Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!



## Labirint



## Gyzykly pursat








29-njy KROSSWORD

**DIKLIGINE:** **1.** At-... **2.** Öňünden programmalaşdyrylan çylşyrymly işleri durnukly ýerine ýetirýän tehniki gurluş. **3.** Bathyz sebitinde tebigy tokaýlyklary bolan, gabygy öz-özünden açylýan meşhur gury iýmiş. **4.** Örän gowy, owadan. **5.** Erän, doň däl. **6.** Jaýyň otaglarynyň arasynda ýerleşýän insiz geçelge, ýörelge. **7.** Drama eserlerini sahnada görkezmek sungaty. **8.** Awstraliýanyň Täze Günorta Uels ştatynyň paýtagty. **9.** Saz çalnanda dutarda sag elde ýerine ýetirilýän tilsim. **10.** Gynanç we ýitgi. **11.** Kompýuter grafikasynyň bir görnüşi. **20.** Haýsy hem bolsa işiň bir görnüşi bilen meşgullanýan gurama. **21.** Ösümlikleriň ýaşajyk kökli çybygy. **23.** Aýlaryň biri. **24.** Gana Respublikasynyň paýtagty. **26.** Adamyň ýüzüne düşýän tegmil, menek. **27.** Gymyldy-hereketi aňladýan söz topary. **31.** «Ýeri ýaryp çykar ol,/ Akja telpek geýer ol,/Gök gürläp, ýagşyň ýagşyndan,/Sähralarda biter ol» (matal). **32.** Orta Aziýada ýaşaýan halk. **33.** Agyr kyn, gazaply. **34.** Ýelmeşdiriji serişde. **35.** «Akylly aýnamaz, ... çüýremez» (nakyl). **36.** «Baýlygyň ... – ýer, atasy – zähmet» (nakyl). **37.** Döwlüp alnan bölek. **38.** Oglan ady. **39.** Gawaý adalarynyň iň uly şaglawugy. **40.** Dermanlyk ösümlik. **41.** Älem giňişligi. **50.** Gaýduwsyz, özdiýenli. **51.** Bognaýakly zäherli möjejik. **53.** It ýalagy. **54.** Amerikan futbol topary «... Maýami». **56.** Ýagdaý, görnüş. **57.** Döwürleýin neşirlere ýazylyşyk. **61.** Geň galdyryjy hadysa, täsinlik. **62.** Owadan ak gülli, ýakymly ysy bolan ösümlik. **63.** Bambuk tokaýlarynda ýaşaýan aýy. **64.** Nahar bişirýän adam. **65.** «Goňşy öýe ... atma» (Paýhas çeşmesi). **66.** Aşhana guraly. **67.** Gymmatbahaly daş. **68.** Ýerden peýdalanmaga degişli, ýer bilen baglanyşykly. **69.** Lakmus kagyzyny gök reňke öwürýän iýiji himiki birleşme. **70.** Nesilden nesle geçýän mal-mülk. **71.** «Sähra degresinde duran gül ...,/Ýaşyl geýen al boýuňa döneýin!» (Kemine).

**KESELIGINE:** **1.** Ýyldyzlaryň biri. **5.** Ata-babalar (köne söz). **9.** Türkmen halk ertekilerinde, dessanlarda hyýaly jandar. **12.** Miwe. **13.** Türk gyz ady. **14.** Harplaryň we belgileriň üsti bilen aňladylýan tapmaça. **15.** Agzy giň içi syrçaly kiçijik küýze. **16.** Suw gülі. **17.** Gyz ady. **18.** Ýüň, çöpür, zygyr süýümlerinden işilip taýýarlanylýan ýüp, bag. **19.** Urna, goşant. **22.** Birine ýa-da bir zada bakyş, garaýyş. **25.** Gadymy oguz-türkmen taýpalaryndan biri. **28.** Ýurdumyzyň goraghanalarynyň biri. **29.** Bir zadyň täsiri netijesinde ýüze çykýan gymyldy. **30.** Uzak Gündogaryň halklary tarapyndan taýýarlanan guradylan balyk. **33.** Otluk sähra, öri meýdan. **36.** Oglan ady. **39.** Gemriji jandar. **42.** Sitrus miwe. **43.** Ýurdumyzda bir derýa. **44.** Kart oýunlarynda esger suratly kart. **45.** Açyk gyzyl reňk. **46.** Halk döredijiliginiň sazly žanry. **47.** «... bilen aglasaň, sokur gözden ýaş çykar» (nakyl). **48.** Ýadamak, ýadap lejiň çykmak. **49.** Toprak, ýer. **52.** Azyk, nahar. **55.** Gymmat bolmadyk. **58.** Owadan, gelşikli. **59.** Oňat edip bejerilen gön, gaýyş. **60.** Milli bahar baýramy. **63.** Nemes fizigi Maks ... **66.** Jam. **69.** Aňyrsyna geçmek, ötmek. **72.** Kimdir biri üçin adaty zada öwrülen gylyk. **73.** Günüň şöhlesi düşýän ýer. **74.** Oglan ady. **75.** Madagaskar adasynda ýaşaýan maýmyna meňzeş jandar. **76.** Päsgelçilik hem-de uruş hereketleri wagtynda gizlenmek üçin giň we uzyn edilip gazylýan çukur. **77.** Ygtyýar, rugsat. **78.** Uzaga, daşa. **79.** Şatlama sowuk, gurak aýaz. **80.** Şanyň ýakyn kömekçisi, maslahatçysy. **81.** Orta asyr Ýewropa esgeri.

19-njy skanwordyň jogaby:



27-nji krosswordyň jogaby:



28-nji krosswordyň jogaby:



# 12-nji TAPGYRYŇ NETIJELERI

Sanawyň lideri «Arkadag» topary öz meýdançasynda «Nebitçi» toparyny Mekan Saparowyň hem-de Didar Durdyýewiň hersiniň geçiren 2 goly esasynda 4–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Mekan Saparow oýnuň 22-nji we 90+1-nji minutlarynda, Didar Durdyýew bolsa 31-nji (p) hem-de 43-nji minutlarynda tapawutlandy. Duşuşykda «Nebitçi» toparynyň ýeke-täk goluny 50-nji minutda Elýas Agöýliýew öz adyna ýazdyrdy.

Tapgyryň myhmançylykda ýeňiş gazanan ýeke-täk topary «Altyn Asyr» bolup, aragatnaşykçylar Maryda «Merw» toparyny 2–0 hasabynda ýeňdi. Paýtagtyň wekiline ýeňiş getiren gollary 28-nji minutda Söhbet Durdyýew bilen 62-nji minutda Bagtyýar Gürgenow derweze girizdi. Duşuşykda 9 futbolçy sary kart aldy. «Ahal» öz meýdançasynda «Şagadamdan» Enwer Annaýewiň 73-nji minutda geçiren ýeke-täk goly esasynda 1–0 hasap bilen ýeňiş gazandy.

Paýtagtymyzda oýnalan derbide «Köpetdag» topary öz meýdançasynda «Aşgabat» toparyny 3–1 hasabynda utdy. Duşuşykda «Aşgabat» topary Merdan Muhadowyň 23-nji minutdaky goly esasynda öňe saýlansa-da, ýer eýeleri ýeňiş gazanmagy başardy. «Köpetdag» toparyna ýeňiş getiren gollary 45-nji minutda Baýramgeldi Gulmaýew bilen 49-njy hem-de 64-nji minutlarda Arslan Saparow geçirdi.

**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «ARKADAG» | 12 | 12 | 0 | 0 | 48-6 | 36 |
| 2 | «AHAL» | 12 | 7 | 3 | 2 | 25-13 | 24 |
| 3 | «ALTYN ASYR» | 12 | 7 | 2 | 3 | 22-15 | 23 |
| 4 | «NEBITÇI» | 12 | 4 | 1 | 7 | 7-16 | 13 |
| 5 | «ŞAGADAM» | 12 | 3 | 3 | 6 | 11-17 | 12 |
| 6 | «MERW» | 12 | 3 | 2 | 7 | 15-34 | 11 |
| 7 | «AŞGABAT» | 12 | 3 | 1 | 8 | 13-22 | 10 |
| 8 | «KÖPETDAG» | 12 | 2 | 2 | 8 | 12-30 | 8 |

# Iraola – «Liwerpulyň» täze tälimçisi

**Golaýda niderland tälimçisi Arne Sloty wezipesinden boşadan «Liwerpul» toparynyň täze tälimçisi resmi ýagdaýda mälim edildi. Garaşylyşy ýaly, ispaniýaly Andoni Iraola «Liwerpulyň» tälimçiligine bellendi. 43 ýaşyndaky hünärmen 2 ýyllyk şertnama gol çekdi.**




**Futbolçylyk ýyllarynda «Baskonia», «Bilbao Atletik», «Atletik Bilbao», «Nýu Ýork Siti» klublarynda oýnan Iraola 2018-nji ýylda tälimçilige baş goşdy. Ol Kipriň «AEK Larnaka», şol sanda Ispaniýanyň «Mirandes», «Raýo Wallekano» hem-de Angliýanyň «Bornmut» toparlaryna tälim berdi. Iraola «Liwerpuldaky» Rafael Benitesden soň 2-nji ispaniýaly, şol sanda umumylykda klubuň 134 ýyllyk taryhyndaky 25-nji tälimçi bolar.**

* * *

**Şeýle-de, Italiýanyň çempionaty «Serie A»-da «Fiorentina» topary Fabio Grossony tälimçilige belläp, 46 ýaşyndaky hünärmen bilen 2 ýyllyk şertnama baglaşdy. Grosso mundan öň «Bari», «Werona», «Breşiýa», «Sion», «Frosinone», «Lion» hem-de «Sassuolo» klublaryny türgenleşdiripdi.**

**«Serie A»-nyň başga bir topary «Atalanta» hem tälimçisi Raffaele Palladinony wezipesinden boşatdy.**

# «Uly tuwulganyň» täze çempionlary

**Möwsümiň 2-nji «Uly tuwulga» ýaryşy bolan «Fransiýa Açyk» garaşylmadyk täze çempionlaryň ýeňşi bilen tamamlandy. Erkekleriň arasynda germaniýaly Aleksander Zwerew, zenanlardan russiýaly Mirra Andreýewa ýeňiji boldy. Karýeralary boýunça ilkinji «Uly tuwulga» çempionlygyny gazanan iki tennisçi-de aýratynlykda 2,8 million ýewro pul baýragy bilen sylaglandy. Ýaryşyň umumy baýrak gaznasy 61 million 723 müň ýewro deňdir.**

**1977-nji ýyldan bäri «Fransiýa Açykda» ilkinji gezek hem erkeklerde, hem-de zenanlarda öňki çempionlaryň hiç birine-de ýarym finala çykmak başartmady.**

● Erkekleriň arasyndaky finalda Zwerew italiýaly Flawio Kobolli bilen duşuşdy. 5 setde tamamlanan finalda Zwerew 1-nji setde 6:1 hasabynda üstün çykdy. 2-nji set 6:4 hasabynda Kobolliniň peýdasyna tamamlandy. 3-nji setde-de şol hasap gaýtalanyp, bu gezek germaniýaly tennisçi ýeňiş gazandy. 4-nji setde taý-bregiň netijesinde 7:6 üstün çykan Kobolli umumy hasaby deňledi. Ýöne final setinde Zwerew has erjel oýun görkezip, 6:1 hasabynda ýeňşini baýram etdi. Netijede, 3:2 hasabynda üstün çykan 29 ýaşyndaky Aleksander Zwerew karýerasy boýunça ilkinji «Uly tuwulga» çempionlygyny gazandy. Bu Zwerewiň «Uly tuwulgalardaky» 3-nji finaly bolup, ol 2020-nji ýylda «Amerika Açykda» awstriýaly Dominik Timden, 2025-nji ýylda «Awstraliýa Açykda» Ýannik Sinnerden asgyn gelipdi. Bu onuň karýerasy boýunça ATP-niň ýaryşlarynda gazanan 25-nji kubogy hökmünde hasaba alyndy.



Zwerew «Fransiýa Açykda» ýa-da beýleki ady «Rolan Garrosda» 89 ýyldan soň ýeňiş gazanan germaniýaly tennisçi boldy. Soňky gezek Fransiýa Açykda 1937-nji ýylda germaniýaly Henner Henkel ýeňiş gazanypdy. Şol sanda Zwerew watandaşy Boris Bekerden (1996-njy ýyl, «Awstraliýa Açykda») soň «Uly tuwulgada» çempionlyk gazanan ilkinji germaniýaly tennisçi diýlip bellendi. Galyberse-de, Zwerew 1990-njy ýyllarda dünýä inen tennisçileriň arasynda «Uly tuwulgalarda» çempionlyk gazanan 3-nji erkek raketkaçy boldy. Ondan öň Dominik Tim bilen Daniil Medwedew degişlilikde 2020-nji we 2021-nji ýyllarda «Amerika Açykda» çempionlyk gazanypdy. Öňki çempionlar 1980-nji ýyllarda we ondan öň, şol sanda 2000-nji ýyldan soň doglan tennisçilerdir. Zwerew soňky 10 «Uly tuwulgada» Alkaras hem-de Sinnerden başga ýeňiş gazanan ilkinji tennisçi bolmagy başardy.

**Şarapowadan soň Andreýewa**

● Zenanlaryň arasyndaky finalda russiýaly Mirra Andreýewa bilen polşaly Maýa Hwalinska duşuşdy. 1 sagat 22 minutda tamamlanan duşuşykda Andreýewa 6:3 we 6:2 hasaplar bilen ýeňiş gazandy. Bu onuň karýerasy boýunça ilkinji Uly tuwulga, umumylykda-da WTA ýaryşlaryndaky 6-njy çempionlygydyr. 19 ýaşyndaky Andreýewa soňky 34 ýylda Monika Seleşden bäri bu ýaryşda çempionlyk gazanan iň ýaş tennisçi boldy. Andreýewa şol bir wagtyň özünde Mariýa Şarapowadan bäri, ýagny 2014-nji ýyldan soň «Uly tuwulgalarda» çempionlyk gazanan ilkinji russiýaly tennisçi zenan diýlip hasaba alyndy.



Finalda utulan 24 ýaşyndaky Maýa Hwalinska «Uly tuwulgada» finala çykan 3-nji polşaly tennisçi bolup, ondan öň Angieşka Radwanska bilen Iga Şwentek şeýle başarnyk görkezipdiler. Galyberse-de, Maýa Hwalinska britaniýaly Emma Radukanudan soň «Uly tuwulga» ýaryşlarynda saýlama tapgyryndan gelip, finala çykan 2-nji tennisçi boldy. Ýaryşdan öň sanawyň 114-nji basgançagynda bolan Hwalinska «Fransiýa Açykda» finala çykan iň pes orundaky tennisçi hökmünde hasaba alyndy.

«Fransiýa Açykda» erkekleriň arasyndaky jübütler ýaryşynda ispaniýaly Marsel Granollers bilen argentinaly Horasio Zeballýos çempionlyk gazanyp, olar finalda finlýandiýaly Harri Heliowaara bilen britaniýaly Henri Patteni 6:4, 6:2 hasaplar esasynda utdy.

Zenanlaryň arasyndaky jübütleýin ýaryşda çehiýaly Katerina Siniýakowa bilen amerikaly Teýlor Tawnsend ýeňiş gazandy. Olaryň ikisi finalda gazagystanly Anna Danilina bilen serbiýaly Aleksandra Kruniçi ýeňlişe sezewar etdi (6:2, 7:5).

Garyşyk jübütler ýaryşynda italiýaly Sara Errani bilen watandaşy Andrea Wawassori finalda kanadaly Gabriela Dabrowski bilen amerikaly Ewan Kingden üstün çykdy.

# ÇEMPION ÝEŇŞI ÝATLADY

Moto GP boýunça möwsümiň 8-nji ýaryşy Wengriýa «Gran Prisinde» soňky çempion Mark Markes ýeňiş gazandy. «Ducati Lenovo» toparynyň ispan sürüjisi Wengriýanyň Balatonfokaýer şäherçesindäki Balaton Park trassasynda geçirilen ýaryşda 26 aýlawy 42 minut 55,325 sekuntda tamamlamagy başardy. Markes şu möwsümde ilkinji, karýerasy boýunça 74-nji gezek ýeňiş gazandy. Bu onuň geçen möwsüm çempionlygyny yglan edeninden bäri, ýagny 13 ýaryşdan soň gazanan ilkinji ýeňşi hökmünde hasaba alyndy. Markes soňky gezek geçen ýylyň 14-nji sentýabrynda ýeňiş gazanypdy. Markes Wengriýada geçirilen «Gran Pride» sprint ýaryşynda-da ýeňiş gazanyp, goşmaça 13 utuk toplady.




Wengriýadaky ýaryşda «Red Bull KTM Factory» toparyndan ispaniýaly Pedro Akosta 2-nji, ýeňijiniň italýan topardaşy Françesko Banaia 3-nji orny eýeledi.

Sanawyň öňdebaryjy iki sürüjisi Marko Bezzekki bilen Horge Martine ýaryşy tamamlamak başartmady.

Moto GP boýunça 8 ýaryşdan soň sürüjileriň sanawynda Marko Bezzekki 180 utuk bilen öňde barýar. Horge Martin 160 utuk toplap, 2-nji ýeri eýeleýär. 3-nji orundaky italiýaly Fabio Di Jannantonionyň 138 utugy bar. Pedro Akosta 132 utuk bilen 4-nji ýeri eýelese, utugyny 108-e çykaran Mark Markes 5-nji basgançaga beýgeldi.

Möwsümiň 9-njy ýaryşy 21-nji iýunda Çehiýanyň Brno şäherinde geçiriler.



# ANTONELLI ARANY AÇÝAR

**Formula 1 boýunça möwsümiň 6-njy ýaryşy Monako Gran Prisi Monte Karlonyň köçelerinde geçirildi. F1-iň iň esasy Gran Prisi hasaplanýan ýaryşda «Mercedes» toparynyň italýan sürüjisi Kimi Antonelli ýeňiş gazandy. Ol ilkinji hatardan bat alan ýaryşynda 78 aýlawy 2 sagat 23 minut 31,243 sekuntda tamamlamagy başardy. Antonelli diňe möwsümiň 1-nji ýaryşynda ýeňiş gazanyp bilmedi. Ol şondan bäri bassyr 5 «Gran Pride» ýeňiji bolup gelýär. 19 ýaşyndaky Antonelli Monako «Gran Prisinde» ýeňiş gazanan iň ýaş sürüji bolmagy başardy.**

**Ýaryşda Antonelliden 6,271 sekunt yza galan Ferrari toparynyň britan sürüjisi Lýuwis Hamilton 2-nji ýeri eýeledi. «Red Bull» toparynyň fransuz piloty Isak Hadžar ýeňijiden 23,394 sekunt soň pellehana gelip, 3-nji orna mynasyp boldy.**

**Geçirilen 6-njy ýaryşdan soň Antonelli arany açmagyny dowam edýär. Ol 156 utuk bilen sanawyň başyny çekip gelýär. 2-nji ýerdäki Hamiltonyň 90, 3-nji basgançakdaky britaniýaly Jorj Rasselliň («Mercedes») 88 utugy bar.**

**Möwsümiň 7-nji ýaryşy bolan Barselona-Katalonýa «Gran Prisi» 14-nji iýunda Ispaniýanyň Montmelo şäherinde geçiriler.**

# DÜNÝÄ KUBOGY 2026-nyň TÄLIMÇILERI



**Futbol boýunça Dünýä Kubogy ilkinji gezek 48 ýygyndynyň gatnaşmagynda geçiriler. 12 toparçada çykyş etjek toparlary dürli ýurtlaryň hünärmenleri türgenleşdirýär. Umuman, 48 ýygyndynyň 27-sine legioner, ýagny başga ýurduň hünärmenleri tälim berýär. 21 milli ýygyndy bolsa öz wekilleri bilen çempionata gatnaşýar.**

**ARGENTINLER ÖŇDE**

● Iň köp tälimçi Argentinadan bolup, bu ýurduň raýatlygyndaky 6 tälimçi Dünýä Kubogyna wekilçilik eder. Soňky çempion Argentina bilen bir hatarda, Günorta Amerika ýurtlarynyň tälimçileri argentinaly hünärmenlerdir. Günorta Amerikadan gatnaşýan 6 ýurduň 5-siniň tälimçisi argentinalydyr. Ýagny Lionel Skaloni (Argentina), Gustawo Alfaro (Paragwaý), Sebastian Bekkasese (Ekwador), Marselo Bielsa (Urugwaý), Nestor Lorenzo (Kolumbiýa) hem-de 3 guraýjy ýurduň biri ABŞ-nyň tälimçisi Maurisio Poçettino (ABŞ) dagy çempionatdaky argentinaly tälimçilerdir. Umuman, Günorta Amerikadan gatnaşýan 6 ýurduň 5-sine başga ýurduň hünärmeni tälim berýär. Çempionlygyň dalaşgärlerinden Braziliýany hem italiýaly Karlo Ançelotti türgenleşdirýär. Ançelotti Braziliýanyň ýygyndysynyň taryhyndaky ilkinji daşary ýurtly tälimçidir.

Argentinadan soň 2-nji ýeri Fransiýa eýeläp, 5 milli topara fransuz hünärmenleri tälim berýär. Didie Deşam Fransiýanyň milli ýygyndysynyň tälimçisi bolup, 2018-nji ýylda toparyna çempionlyk gazandyrypdy. Fransiýanyň ýygyndysy bilen bir hatarda, 52 ýyldan soň çempionata gatnaşýan Gaitiniň (Sebastien Minýe), Afrikanyň wekili Tunisiň (Sabri Lamuçi), Belgiýanyň (Rudi Garsiýa) hem-de mundan öň 1974-nji ýylda çykyş eden Kongo DR-niň (Sebastien Desabre) ýygyndylaryna fransiýaly tälimçiler tälim berýär.

**ÝYGYNDYSY ÝOK HEM BOLSA 3 WEKILI BAR**

● Ispaniýadan 4 tälimçi çempionatda özüni görkezer. Ispaniýanyň milli ýygyndysyna Luis de la Fuenta tälim berse, Kataryň ýygyndysyny Hulien Lopetegi, Portugaliýany Roberto Martines hem-de Panamany Tomas Kristiansen türgenleşdirýär. Bassyr 3-nji gezek Dünýä Kubogynyň daşynda galan Italiýadan, şol sanda Germaniýadan 3 tälimçi çempionata gatnaşýar. Karlo Ançelotti (Braziliýa), Winçenzo Montella (Türkiýe) hem-de Fabio Kannawaro (Özbegistan) çempionatdaky italiýaly tälimçileridir. Germaniýanyň ýygyndysyna Ýulian Nagelsmann tälim berse, meşhur hünärmen Ralf Rangnik goňşy ýurduň, Awstriýanyň ýygyndysyny türgenleşdirýär. Çempionlygyň başga bir dalaşgärlerinden Angliýanyň milli toparynyň tälimçisi-de germaniýaly meşhur hünärmen Tomas Tuhel bolup, ondan uly ýeňişlere garaşýanlaryň sany az däl.

Angliýanyň milli ýygyndysyny nemes hünärmeni türgenleşdirýänem bolsa, iňlis tälimçileriniň 2-si çempionata gatnaşar. Grem Potter pleý-off tapgyrynyň ýeňijisi Şwesiýany, Darren Bazeli bolsa Täze Zelandiýany türgenleşdirýär. Awstraliýadan hem 2 tälimçi wekilçilik edip, Toni Popowiç Awstraliýanyň ýygyndysyna, Grem Arnold Yragyň milli toparyna tälim berýär. 4 ýyl öňki çempionatyň sýurpriz topary Marokkonyň ýygyndysy bu gezek Walid Regragui bilen däl-de, mart aýynda wezipä bellenen Mohamed Uahbiniň tälimçiliginde gatnaşýar. Çempionatda ýene bir marokkoly hünärmen bolup, ol hem Iordaniýanyň tälimçisi Jamal Sellamidir. Niderlandlardan hem 2 tälimçi gatnaşýar. Olaryň biri Niderlandlaryň milli ýygyndysynyň tälimçisi Ronald Kuman, beýlekisi bolsa debýutant Kýurasaonyň milli toparynyň tälimçisi Dik Adwokatdyr. Çempionatda Şweýsariýadan hem 2 tälimçi wekilçilik edýär. Murat Ýakin öz milli ýygyndysyny türgenleşdirse, meşhur hünärmen Wladimir Petkowiç Alžiriň tälimçisi hökmünde Dünýä Kubogynda orun alar. Beýleki legioner tälimçileri bellesek, belgiýaly Hugo Bros Günorta Afrikanyň, ýaňy ýakynda wezipä bellenen gresiýaly Georgios Donis Saud Arabystanynyň, amerikaly Jesse Marş Kanadanyň hem-de portugaliýaly belli hünärmen Karluş Keýroş Gananyň milli ýygyndysynyň daşary ýurtly türgenleşdirijileridir.

**YZLY-YZYNA 5-nji ÇEMPIONATY**

● Şu ýerde Karluş Keýroş barada aýratyn bellenmäge mynasyp statistika bolup, Gananyň milli ýygyndysynyň tälimçisi bassyr 5-nji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşýan ikinji tälimçidir. Ondan öň serbiýaly Bora Milutonowiç 1986-2002-nji ýyllar aralygynda 5 Dünýä Kubogyna dürli ýygyndylaryň tälimçisi hökmünde gatnaşypdy. Karluş Keýroş 2010-njy ýylda Portugaliýanyň, 2014-nji, 2018-nji hem-de 2022-nji ýyllarda Eýranyň milli toparlarynyň tälimçisi bolup, futbolyň iň uly baýramçylygyna wekilçilik edipdi.



**DIŇE ÝERLI TÄLIMÇILER ÇEMPIONLYK GAZANDYRDY**

● Ýeri gelende bellesek, mundan öňki 22 çempionatda çempionlyk gazanan legioner tälimçi ýok. Ýagny çempionlyk gazanan 8 milli ýygyndy hem öz ýurdunyň tälimçileri bilen Dünýä Kubogyny asmana göterdi. Dünýä Kubogyny 2 gezek gazanan ýeke-täk tälimçi italiýaly Wittorio Pozzo bolup, ol 1934-1938-nji ýyllarda ýurdunyň ýygyndysyny çempion edipdi.



**2-nji ÇEMPIONLYGY ARZUW EDÝÄRLER**

● Dünýä Kubogy 2026-da çykyş etjek tälimçileriň 2-si ozal bu kubogy gazanyp gördi. 2014-nji ýyldan bäri Fransiýanyň ýygyndysyny türgenleşdirip gelýän Didie Deşam 2018-nji ýylda milli toparyny çempion edipdi. Ol 1998-nji ýylda-da futbolçy hökmünde kubogy gazanypdy. Deşam 4 ýyl öňki finalda bolsa argentinaly Lionel Skaloniden ýeňlipdi. Skaloni bolsa kubogy bassyr 2-nji gezek gazanmak üçin çempionata gatnaşýar.

**DÜNÝÄ KUBOGY 2026-a GATNAŞÝAN ÝYGYNDYLARYŇ TÄLIMÇILERI:**

**ARGENTINA (6):** Lionel Skaloni (Argentina), Gustawo Alfaro (Paragwaý), Sebastian Bekkaçe (Ekwador), Marselo Bielsa (Urugwaý), Nestor Lorenzo (Kolumbiýa), Maurisio Poçettino (ABŞ)

**FRANSIÝA (5):** Didie Deşam (Fransiýa), Sebastien Desabre (Kongo DR), Sabri Lamuşi (Tunis), Rudi Garsiýa (Belgiýa), Sebastien Minýe (Gaiti)

**ISPANIÝA (4):** Luis de la Fuente (Ispaniýa), Tomas Kristiansen (Panama), Ýulien Lopetegi (Katar), Roberto Martines (Portugaliýa)

**GERMANIÝA (3):** Ýulian Nagelsmann (Germaniýa), Ralf Ragnink (Awstriýa), Tomas Tuhel (Angliýa)
**ITALIÝA (3):** Karlo Ançelotti (Braziliýa), Fabio Kannawaro (Özbegistan), Winçenzo Montella (Türkiýe)

**AWSTRALIÝA (2):** Toni Popowiç (Awstraliýa), Grem Arnold (Yrak)
**ANGLIÝA (2):** Darren Bazeli (Täze Zelandiýa), Grem Potter (Şwesiýa)
**MAROKKO (2):** Mohamed Uahbi (Marokko), Jamal Sellami (Iordaniýa)
**NIDERLANDLAR (2):** Ronald Kuman (Niderlandlar), Dik Adwokat (Kýurasao)
**ŞWEÝSARIÝA (2):** Murat Ýakin (Şweýsariýa), Wladimir Petkowiç (Alžir)

**BELGIÝA:** Hugo Bros (Günorta Afrika)
**GRESIÝA:** Georgios Donis (Saud Arabystany)
**PORTUGALIÝA:** Karluş Keýroş (Gana)
**ABŞ:** Jessi Marş (Kanada)
**BOSNIÝA we GERSEGOWINA:** Sergeý Barbares
**KABO WERDE:** Bubista
**HORWATIÝA:** Zkatko Daliç
**ÇEHIÝA:** Miroslaw Kubek
**MÜSÜR:** Hossam Hassan
**EÝRAN:** Amir Galanoei
**KOT-D'IWUAR:** Emerse Fae
**ÝAPONIÝA:** Hažime Moriýasu
**MEKSIKA:** Hawier Agirre
**NORWEGIÝA:** Stal Solbakken
**ŞOTLANDIÝA:** Stiw Klark
**SENEGAL:** Pape Tiaw
**KOREÝA RESPUBLIKASY:** Hon Mýon Bo



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.





# Toparlaryň mundan öňki duşuşyklary

Dünýä Kubogyna gatnaşýan toparlaryň toparçalardaky garşydaşlary bilen ozal telim gezek duşuşany-da bar, ilkinji gezek güýç synanyşjagy-da. «A» toparçada çempionatyň açylyş oýnunyň wekilleri — Meksika bilen Günorta Afrika ozal 4 gezek gabatlaşyp, şolaryň biri 2010-njy ýyldaky 1–1 hasabynda tamamlanan Dünýä Kubogynyň açylyş oýny bolupdy. Bu toparçada Meksika bilen Koreýa Respublikasy mundan öň 15 gezek duşuşdylar. Meksikanlar 8, koreýler 4 gezek ýeňiş gazanýar. Duşuşyklaryň 2-si DK-niň çäginde bolup, Meksika Koreýa Respublikasyny 1998-nji ýylda 3-1, 2018-nji ýylda 2-1 hasabynda utýar.

«B» toparçadaky toparlaryň ozal bellärlikli özara duşuşyklary ýok diýen ýaly. «C» toparçada Braziliýa Marokkony mundan öňki 3 oýnuň 2-sinde ýeňipdi we şolaryň biri 1998-nji ýyldaky çempionatda hasaba alnypdy (3–0). Şol çempionatda Şotlandiýa bilen Marokko hem duşuşyp, afrikalylar jogapsyz 3 gol geçiripdiler. Şotlandiýa bilen Braziliýanyň ýygyndysynyň özara 10 duşuşygynda sambaçylar 8 gezek ýeňiş gazandy. Şotlandlaryň entek ýeňşi bolman, iki topar Dünýä Kubogynyň çäginde 5-nji gezek duşuşarlar (0–0 — 1974, 4–1 — 1982, 1–0 — 1990, 2–1 — 1998). Braziliýa Gaitiniň ýygyndysy bilen 3 gezek duşuşyp, garşydaşlarynyň derwezesinden 17 gol geçirýär.

«D» toparçadaky ýygyndylar Dünýä Kubogynyň çäginde ilkinji gezek duşuşarlar. Ýöne beýleki duşuşyklarda ABŞ Paragwaýy 9 oýnuň 5-sinde ýeňipdi. Türkiýe Awstraliýadan 2 oýunda-da ýeňlişe sezewar bolýar. Paragwaýa-da Awstraliýany mundan öňki 5 duşuşykda-da ýeňmek başartmaýar.

«E» toparçada Germaniýanyň ýygyndysy Ekwador bilen 2 gezek duşuşyp, ikisinde-de ýeňýär. Şolaryň biri 2006-njy ýyldaky çempionatda hasaba alnyp, nemesler jogapsyz 3 gol geçirýär.

«F» toparçada Ýewropa yklymynyň 2 wekili — Niderlandlar bilen Şwesiýa 26-njy gezek özara güýç synanyşarlar. Öňki 25 oýnuň 11-sinde niderlandlar ýeňse, 8-sinde şwedler üstün çykýar. Iki topar DK-niň çäginde 1974-nji ýyldaky golsuz duşuşykdan soň 2-nji gezek duşuşýar. Niderlandlar 2010-njy ýylda Dünýä Kubogynda Ýaponiýany 1–0, ýaponlar bolsa 2002-nji ýylda Tunisi 2–0 hasabynda utupdylar.

«G» toparçada Belgiýa mundan öň Müsür bilen 4 gezek duşuşyp, şolaryň 3-sinde utulýar. Edil şonuň ýaly Müsür Täze Zelandiýany hem 4 oýnuň 3-sinde ýeňýär. Belgiýa Eýrandyr Täze Zelandiýa bilen ilkinji gezek duşuşar.

**«H» toparçada** Ispaniýa Kabo Werde bilen ilkinji gezek duşuşsa, Saud Arabystanynyň ýygyndysyny öňki 3 oýunda-da ýeňýär. Şolaryň biri 2006-njy ýyldaky Dünýä Kubogy bolup, oýun 1–0 hasabynda tamamlanýar. Ispaniýa bilen Urugwaýyň milli toparlary 11-nji gezek duşuşarlar. 5 oýunda ýeňip, 5-sinde hem deňme-deň oýnan ispanlar Dünýä Kubogynyň çäginde Urugwaýy 2 duşuşykda-da ýeňip bilmeýär (2–2 — 1950, 0–0 — 1990). Urugwaý 2018-nji ýyldaky çempionatda Saud Arabystanyny Luis Suaresiň ýeke-täk goly bilen ýeňipdi.

**«I» toparçada** Fransiýa bilen Senegal mundan öň 1 duşuşyk geçirip, şol oýun 2002-nji ýyldaky Dünýä Kubogynda hasaba alnypdy. Şol oýunda Senegal çempion hökmünde gatnaşan Fransiýany Buba Diopyň goly bilen ýeňipdi. Senegal Norwegiýany hem ýoldaşlyk duşuşygynda 1–0 hasaby bilen utupdy. Fransiýa bilen Norwegiýanyň ýygyndylary şu wagta çenli 15 gezek duşuşýar. 7 oýunda fransuzlar, 4 duşuşykda-da norwegler ýeňiş gazanýar. Toparçada Yragyň ýygyndysy 3 garşydaşy bilen ilkinji duşuşygyny geçirer.

**«J» toparçada** toparlaryň mundan öň özara köp duşuşygy ýok. Argentina bilen Alžir 1 gezek duşuşyp, oýun tangoçylaryň 4–3 hasabyndaky ýeňşi bilen tamamlanýar. Awstriýa Alžiri 1982-nji ýyldaky Dünýä Kubogynda 2–0 hasap bilen utýar. Argentina Awstriýa bilen 2 gezek duşuşyp, 1 oýunda utýar, beýleki duşuşyk bolsa deňlikde gutarýar.

**«K» toparçadaky** 4 topar hem mundan öň oýundan-çyndan özara duşuşyk geçirmändir. Toparçadaky 6 duşuşyk hem olaryň öz arasyndaky ilkinji oýunlary bolar. «L» toparçada Angliýa bilen Horwatiýanyň arasyndaky duşuşyklar öňe saýlanýar. Iki topar 12-nji gezek duşuşar. Öňki 11 oýunda iňlisler 6 gezek üstün çykýar. Horwatlaryň gazanan 3 ýeňşiniň biri 2018-nji ýyldaky Dünýä Kubogynyň ýarym finalynda hasaba alynýar. Şol oýunda Horwatiýa goşmaça wagtda 2-1 hasabynda ýeňip, finala çykýar.

A

| 1-nji topar | 2-nji topar | Oýun | Ýeňiş | Deňlik | Ýeňliş | Gollar |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Meksika | Günorta Afrika | 4 | 2 | 1 | 1 | 10–5 |
| Koreýa Res. | Çehiýa | 5 | 1 | 2 | 2 | 5–14 |
| Çehiýa | Günorta Afrika | 1 | 0 | 1 | 0 | 2–2 |
| Meksika | Koreýa Res. | 15 | 8 | 3 | 4 | 31–20 |
| Çehiýa | Meksika | 1 | 1 | 0 | 0 | 2–1 |
| Günorta Afrika | Koreýa Res. | 0 | 0 | 0 | 0 | 0 |

B

| 1-nji topar | 2-nji topar | Oýun | Ýeňiş | Deňlik | Ýeňliş | Gollar |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Kanada | Bosniýa | 0 | 0 | 0 | 0 | 0 |
| Katar | Şweýsariýa | 1 | 0 | 0 | 1 | 1–0 |
| Şweýsariýa | Bosniýa | 1 | 0 | 0 | 1 | 0–2 |
| Kanada | Katar | 1 | 1 | 0 | 0 | 2–0 |
| Şweýsariýa | Kanada | 1 | 0 | 0 | 1 | 1–3 |
| Bosniýa | Katar | 2 | 0 | 1 | 1 | 1–3 |

C

| 1-nji topar | 2-nji topar | Oýun | Ýeňiş | Deňlik | Ýeňliş | Gollar |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Braziliýa | Marokko | 3 | 2 | 0 | 1 | 6–2 |
| Gaiti | Şotlandiýa | 0 | 0 | 0 | 0 | 0 |
| Şotlandiýa | Marokko | 1 | 0 | 0 | 1 | 0–3 |
| Braziliýa | Gaiti | 3 | 3 | 0 | 0 | 17–1 |
| Şotlandiýa | Braziliýa | 10 | 8 | 2 | 0 | 16–3 |
| Marokko | Gaiti | 0 | 0 | 0 | 0 | 0 |

D

| 1-nji topar | 2-nji topar | Oýun | Ýeňiş | Deňlik | Ýeňliş | Gollar |
|---|---|---|---|---|---|---|
| ABŞ | Paragwaý | 9 | 5 | 2 | 2 | 12–7 |
| Awstraliýa | Türkiýe | 2 | 0 | 0 | 2 | 1–4 |
| ABŞ | Awstraliýa | 4 | 2 | 1 | 1 | 5–3 |
| Türkiýe | Paragwaý | 1 | 0 | 1 | 0 | 0–0 |
| Türkiýe | ABŞ | 5 | 2 | 1 | 2 | 7–7 |
| Paragwaý | Awstraliýa | 5 | 0 | 3 | 2 | 2–4 |

E

| 1-nji topar | 2-nji topar | Oýun | Ýeňiş | Deňlik | Ýeňliş | Gollar |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Germaniýa | Kýurasao | 0 | 0 | 0 | 0 | 0 |
| Kot-d'Iwuar | Ekwador | 0 | 0 | 0 | 0 | 0 |
| Germaniýa | Kot-d'Iwuar | 1 | 0 | 1 | 0 | **2–2** |
| Ekwador | Kýurasao | 0 | 0 | 0 | 0 | 0 |
| Kýurasao | Kot-d'Iwuar | 0 | 0 | 0 | 0 | 0 |
| Ekwador | Germaniýa | 2 | 0 | 0 | 2 | **2–7** |

F

| 1-nji topar | 2-nji topar | Oýun | Ýeňiş | Deňlik | Ýeňliş | Gollar |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Niderlandlar | Ýaponiýa | 3 | 2 | 1 | 0 | 6–2 |
| Şwesiýa | Tunis | 4 | 2 | 1 | 1 | 3–2 |
| Niderlandlar | Şwesiýa | 25 | 11 | 6 | 8 | 47–48 |
| Tunis | Ýaponiýa | 6 | 1 | 0 | 5 | 3–8 |
| Ýaponiýa | Şwesiýa | 5 | 1 | 3 | 1 | 7–7 |
| Tunis | Niderlandlar | 3 | 0 | 2 | 1 | 3–7 |

G

| 1-nji topar | 2-nji topar | Oýun | Ýeňiş | Deňlik | Ýeňliş | Gollar |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Belgiýa | Müsür | 4 | 1 | 0 | 3 | 4–7 |
| Eýran | T. Zelandiýa | 2 | 1 | 1 | 0 | 3–0 |
| Belgiýa | Eýran | 0 | 0 | 0 | 0 | 0 |
| T. Zelandiýa | Müsür | 4 | 0 | 1 | 3 | 1–4 |
| Müsür | Eýran | 1 | 0 | 1 | 0 | 1–1 |
| T. Zelandiýa | Belgiýa | 0 | 0 | 0 | 0 | 0 |

H

| 1-nji topar | 2-nji topar | Oýun | Ýeňiş | Deňlik | Ýeňliş | Gollar |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Ispaniýa | Kabo Werde | 0 | 0 | 0 | 0 | 0 |
| S. Arabystany | Urugwaý | 3 | 1 | 1 | 1 | 4–4 |
| Ispaniýa | S. Arabystany | 3 | 3 | 0 | 0 | 9–2 |
| Urugwaý | Kabo Werde | 0 | 0 | 0 | 0 | 0 |
| Kabo Werde | S. Arabystany | 0 | 0 | 0 | 0 | 0 |
| Urugwaý | Ispaniýa | 10 | 0 | 5 | 5 | 8–16 |

I

| 1-nji topar | 2-nji topar | Oýun | Ýeňiş | Deňlik | Ýeňliş | Gollar |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Fransiýa | Senegal | 1 | 0 | 0 | 1 | 0–1 |
| Yrak | Norwegiýa | 0 | 0 | 0 | 0 | 0 |
| Fransiýa | Yrak | 0 | 0 | 0 | 0 | 0 |
| Norwegiýa | Senegal | 1 | 0 | 0 | 1 | 1–2 |
| Norwegiýa | Fransiýa | 15 | 4 | 4 | 7 | 15–22 |
| Senegal | Yrak | 0 | 0 | 0 | 0 | 0 |

J

| 1-nji topar | 2-nji topar | Oýun | Ýeňiş | Deňlik | Ýeňliş | Gollar |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Argentina | Alžir | 1 | 1 | 0 | 0 | 4–3 |
| Awstriýa | Iordaniýa | 0 | 0 | 0 | 0 | 0 |
| Argentina | Awstriýa | 2 | 1 | 1 | 0 | 6–2 |
| Iordaniýa | Alžir | 1 | 0 | 1 | 0 | 1–1 |
| Alžir | Awstriýa | 1 | 0 | 0 | 1 | 0–2 |
| Iordaniýa | Argentina | 0 | 0 | 0 | 0 | 0 |

K

| 1-nji topar | 2-nji topar | Oýun | Ýeňiş | Deňlik | Ýeňliş | Gollar |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Portugaliýa | Kongo DR | 0 | 0 | 0 | 0 | 0 |
| Özbegistan | Kolumbiýa | 0 | 0 | 0 | 0 | 0 |
| Portugaliýa | Özbegistan | 0 | 0 | 0 | 0 | 0 |
| Kolumbiýa | Kongo DR | 0 | 0 | 0 | 0 | 0 |
| Kolumbiýa | Portugaliýa | 0 | 0 | 0 | 0 | 0 |
| Kongo Dr | Özbegistan | 0 | 0 | 0 | 0 | 0 |

L

| 1-nji topar | 2-nji topar | Oýun | Ýeňiş | Deňlik | Ýeňliş | Gollar |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Angliýa | Horwatiýa | 11 | 6 | 2 | 3 | 22–13 |
| Gana | Panama | 0 | 0 | 0 | 0 | 0 |
| Angliýa | Gana | 1 | 0 | 1 | 0 | 1–1 |
| Panama | Horwatiýa | 0 | 0 | 0 | 0 | 0 |
| Panama | Angliýa | 1 | 0 | 0 | 1 | 1–6 |
| Horwatiýa | Gana | 0 | 0 | 0 | 0 | 0 |

# DÜNÝÄ KUBOGYNDAKY DOGANLAR

Her Dünýä Kubogynda bolşy ýaly, bu çempionatda-da dogan futbolçylar hem çykyş ederler. Olaryň käbirleri bir ýurduň köýnekçesini geýse, käbirleri başga ýurduň baýdagynyň astynda oýnarlar. Aslynda, başga-başga ýurtlaryň köýnekçelerini geýen doganlaryň ilkinjisi 2010-njy ýylda hasaba alnypdy. Goragçy Žerom Boateng Germaniýanyň adyndan çykyş etse, Kewin Prins Boateng özüniň ata watany bolan Ganany saýlapdy. Hatda olaryň ikisi meýdançada 2 gezek garşy garşa hem gelipdiler. 2010-njy ýylda Germaniýa Ganany Mesut Öziliň ýeke-täk goly bilen ýeňse, 2014-nji ýyldaky duşuşyk 2–2 hasabynda deňlikde tamamlanypdy.




### Hersi bir milli ýygyndynyň köýnekçesini geýýär

Şu çempionatda Williams doganlaryň ulusy Iniaki Gananyň ýygyndysynda oýnasa, kiçisi Niko Ispaniýanyň milli toparyny saýlady. Olaryň ikisi-de «Atletikde» çykyş edýär.

Doganlar Dueleriň kiçisi Desire Fransiýanyň, ulusy Guela Kot-d'Iwuaryň ýygyndysyny saýlady. Fransiýa bilen Kot-d'Iwuaryň arasynda çempionatyň öňüsyrasynda geçirilen ýoldaşlyk duşuşygynda afrikalylar 2–1 hasabynda ýeňipdi we şol oýunda 1-nji goly Guela öz adyna ýazdyrypdy. Guela Due Fransiýanyň çempionatynda «Strasbur» toparynyň köýnekçesini geýýär.



Niderlandlarda dünýä inen Derrik Lukassen bilen Braýan Brobbi iki dogan bolup, olar hem dürli toparlary saýladylar. Derrik Lukassen atalarynyň ýurdy bolan Ganany saýlasa, inisi Brobbi doglan ýeriniň ýygyndysynda oýnanyny kem görmedi. 30 ýaşyndaky Lukassen şu wagta çenli Gananyň düzüminde 1 gezek meýdança çykdy. Sanderland klubunda oýnaýan Brobbi Niderlandlaryň düzüminde 12 oýunda 1 gol geçirdi.

Goragçy doganlar Jon bilen Harri Suttarlaryň hersi bir ýygyndyny saýlady. Aberdinde dünýä inen doganlaryň ulusy Şotlandiýanyň ýygyndysynyň köýnekçesini geýýär. 2 ýaş kiçi inisi Harri bolsa 7 ýyldan bäri Awstraliýanyň ýygyndysynda çykyş edip gelýär.




### Bir toparda çykyş edýärler

Elbetde, çempionatda dürli-dürli ýygyndylary saýlan doganlar bilen bir hatarda, bir toparda çykyş edýänleri hem bar. Fransiýanyň düzüminde Luka hem-de Teo Hernandes doganlar ençeme ýyldan bäri çykyş edip gelýärler. Niderlandlaryň düzüminde-de ekizler Kinten we Ýurrien Timberler bardy. Ýöne olaryň biri, has dogrusy, Ýurrien gutarnykly düzüme çagyrylsa-da, şikesi sebäpli topardan çykarylmaly boldy. Çempionatyň debýutantlaryndan Kabo Werdeniň ýygyndysynda Laros bilen Deroý Duarteler, başga bir ilkinji gezek wekilçilik edýän Kýurasaonyň ýygyndysynda Leandro bilen Juninio Bakunalar sanawa alnan dogan futbolçylardyr.

### Dünýä Kubogynda gol geçiren doganlar

Mundan öňki Dünýä Kubogy ýaryşlarynda 5 futbolçy dogan jübüti gol geçirmegi başardy. Olaryň ilkinjisi 1954-nji ýylda şol wagtky Günbatar Germaniýanyň düzüminde oýnan doganlar Ottmar bilen Frits Walterler bolupdy. Günbatar Germaniýanyň çempionlygy bilen tamamlanan çempionatda Ottmar 4, Fits 3 gol geçiripdi. Olar hem gol geçirip, hemem çempionlyk gazanan ýeke-täk doganlardyr.



Germaniýaly Wolterler ýaly Dünýä Kubogynda hem gol geçirip, hemem çempionlyk gazanan başga-da futbolçy doganlar bar. Ýöne olaryň birine gol geçirmek miýesser etmeýär. Olar Angliýanyň oýunçylary bolup, futbolyň watanynyň gazanan ýeke-täk çempionlygyna saldamly goşant goşan doganlar Jäk we Bobbi Çarltonlardyr. 1966-njy ýyldaky çempionatda goragçy Jäk Çarlton gol geçirmese-de, 2 ýaş kiçi inisi, hüjümçi Bobbi şol Dünýä Kubogynda 3 gezek tapawutlanýar. Onuň 1962-nji ýyldaky çempionatda-da 1 goly bar.

1974-nji we 1978-nji ýyllarda Niderlandlaryň yzly-yzyna 2 gezek finala çykmagynda ekizler Willi we Ren wan de Kerkoflar uly rol oýnapdy. 1974-nji ýylda gol geçirip bilmedik ekizler 4 ýyldan soňky çempionatda hersi 1 gezek tapawutlanýar. Dünýä Kubogyna gol geçiren 3-nji dogan futbolçylar braziliýaly Sokrates bilen Rai diýlip hasaba alyndy. Doktor lakamly, özboluşly futbolçy Sokrates 1982-nji ýylda kapitan hökmünde meýdança çykan duşuşygynda Dünýä Kubogyndaky ilkinji golunу ozalky SSSR-iň derwezesinden geçiripdi. Şol çempionatda Italiýanyň, 1986-njy ýylda-da Ispaniýadyr Polşanyň derwezelerini sarsdyran Sokrates jemi 4 gezek tapawutlandy. Özünden 11 ýaş kiçi inisi Rai hem kapitan hökmünde meýdança çykyp, Dünýä Kubogyndaky ilkinji golunу 1994-nji ýylda 11 metrlik jerime urgudan Russiýanyň derwezesinden girizipdi.

Dünýä Kubogynda gol geçiren doganlaryň sanawyna atlaryny iň soňky goşmagy başaran futbolçylar daniýaly Maýkl hem-de Braýan Laudruplar bolupdy. Maýkl 1986-njy ýylda Daniýanyň Urugwaýy 6-1 hasap bilen ýeňen oýnunda toparynyň 3-nji golunу geçiripdi. Ol 12 ýyldan soň Fransiýa 1998-de ýer eýeleriniň derwezesinden 11 metrlik jerime urgusyndan gol salypdy. Şol çempionatda Maýklyň inisi Braýan 1/8 finalda Nigeriýanyň torundan, çärýek finalda-da Braziliýanyň derwezesinden gol girizipdi.

Bulardan başga-da, edil gol geçirmeseler hem, belgiýaly Edin we Torgan Hazardlar, ganaly Andre we Jordan Aýewler, meksikaly Jowanni we Jonatan dos Santoslar, niderland Frank we Ronald de Burlar Dünýä Kubogynyň çäginde çykyş eden dogan futbolçylar hökmünde taryha atlaryny ýazdyrdylar.




# DÜNÝÄ KUBOGY 2026: STATISTIKALAR, GYZYKLY MAGLUMATLAR

- 1245 futbolçynyň 357-si 4 ýyl öňki Katar 2022-de hem toparlarynyň düzümine çagyrylypdy. 888 futbolçy karýerasynda ilkinji gezek Dünýä Kubogynda çykyş eder. Sanawa alnan futbolçylaryň 22-si Dünýä Kubogynyň ýeňijisidir. Çagyrylan futbolçylaryň 100-si Fransiýanyň çäginde dünýä inen oýunçylardyr. Olaryň 75-si başga ýygyndylaryň köýnekçesi bilen çykyş edýär. Şeýle-de, 289 futbolçy öz ata watanlarynyň ýygyndysynda çykyş etmez. Ýagny 289 futbolçy başga ýygyndylaryň düzüminde oýnar.

- Dünýä Kubogyna gatnaşýan 48 toparyň hersiniň düzüminde 26 futbolçy bolup, Argentinanyň, Kanadanyň hem-de Awstriýanyň ýygyndylary 25 oýunçy bilen wekilçilik eder. Kanadanyň düzüminde tälimçi Jesse Marş şikes alan Marselo Floresiň ornuna häzirlikçe hiç kimi çagyrmady. Awstriýanyň ýygyndysynda-da ýyldyz oýunçy Kristof Baumgertner şikesi sebäpli sanawdan çykaryldy. Argentinada bolsa şikeslenen goragçy Leonardo Balerdiniň ornuna Skaloni häzirlikçe hiç kimi almady. Mahlasy, 1245 futbolçy Dünýä Kubogyna gatnaşmak üçin Demirgazyk Amerika yklymyna jemlendi.




- 3 futbolçy 6-njy gezek Dünýä Kubogyna gatnaşar. Olar argentinaly Lionel Messi, portugaliýaly Kristiano Ronaldo hem-de meksikaly derwezeçi Gillermo Oçoa bolup, ady agzalan weteran futbolçylar 2006-njy ýyldan bäri ähli Dünýä Kubogynda çykyş edip gelýärler. Ronaldo 5 çempionatda gol geçiren ýeke-täk futbolçydyr.

- Çempionatyň iň ýaşuly futbolçysy şotlandiýaly derwezeçi Kreýg Gordon (43 ýaş 162 gün), iň ýaş futbolçy-da meksikaly Hilberto Moradyr (17 ýaş 240 gün). Jemi 22 futbolçy 20 ýaşdan kiçi, 7 futbolçy bolsa 40 ýaşdan uludyr (olaryň 4-si derwezeçi). 40 ýaşdan uly futbolçylar – Kristiano Ronaldo, Luka Modriç, Edin Jeko, derwezeçiler – Kreýg Gordon, Gillermo Oçoa, Manuel Noýer hem-de Wozinýa.

Çempionatyň iň ýaşuly tälimçisi Kýurasaonyň niderland türgenleşdirijisi Dik Adwokat bolup, 78 ýaş 257 gün bilen umumylykda Dünýä Kubogynyň hem iň goja tälimçisi rekordynyň eýesi bolar. Iň ýaş tälimçi bolsa Germaniýanyň milli ýygyndysynyň ýerli hünärmeni Ýulian Nagelsmanndyr (38 ýaş 323 gün).

- Hiç bir ýygyndy tutuş öz milli ligasynda çykyş edýän oýunçylardan düzülen topar bilen çempionata gatnaşmaýar. Kataryň hem-de Saud Arabystanynyň ýygyndylarynyň 25 oýunçysy ýerli çempionatda çykyş edýän futbolçylardyr (diňe 1 futbolçysy legioner).

Kabo Werdeniň, Kýurasaonyň, Kongo DR-niň, Kot-d'Iwuaryň, Senegalyň hem-de Urugwaýyň milli ýygyndylary diňe legionerlerden düzülen toparlardyr. Niderlandlaryň ýygyndysyndaky 15 futbolçy Angliýanyň klublarynda çykyş edýär.

- Dünýä Kubogyna iň köp futbolçy ugradan klub Angliýanyň «Mançester Siti» toparydyr. Bu klubuň 19 futbolçysyny dürli ýygyndylaryň tälimçileri toparlarynyň düzümlerine çagyrdy. «Bawariýa» 17 futbolçy bilen 2-nji ýerde barýar. Çempionlar Ligasynyň finalynda duşuşan PSŽ bilen «Arsenalyň» hersinden 16, «Barselonadan» 15 futbolçy Dünýä Kubogy 2026-a çagyryldy. «Kristal Palas», «Mançester Ýunaýted» (Angliýa), «Al-Hilal» (Saud Arabystany), «Atletiko» (Ispaniýa) 12, «Liwerpul» (Angliýa), «Borussiýa Dortmund» (Germaniýa), «Galatasaraý» (Türkiýe) 11, «Slawiýa Praga» (Çehiýa), «Milan» (Italiýa), PSW (Niderlandlar), «Real Madrid» (Ispaniýa) hem-de «Fenerbahçe» (Türkiýe) klublaryndan 10 futbolçy çagyryldy.

- Şeýle-de, iň köp Angliýanyň klublarynda oýnaýan futbolçylar Dünýä Kubogyna gatnaşarlar. Geçen möwsümi iňlis klublarynda tamamlan 205 futbolçy Dünýä Kubogy 26-a wekilçilik ederler. Germaniýanyň klublaryndan 108, Fransiýadyr Ispaniýanyň toparlarynyň hersinden 86, şol sanda milli ýygyndysy ýok hem bolsa italýan klublaryndan 71 futbolçy Dünýä Kubogyna gatnaşýan toparlaryň düzümlerine çagyryldylar. Saud Arabystanynyň klublaryndan 49, ABŞ-nyň toparlaryndan 48, Türkiýäniň toparlaryndan 45 futbolçy Dünýä Kubogyna gatnaşar.

- Täze Zelandiýadan Tommi Smit Angliýanyň 5-nji ligasynyň («National League») «Breýntri Tawn», şeýle-de gaitili Josue Duwerger Germaniýanyň 5-nji ligasynyň («Oberliga») «Kosmos Koblenz» toparynda çykyş edýär. Bu ikisi toparlaryň düzümlerine çagyrylan futbolçylaryň arasynda iň pes ligada çykyş edýän 2 oýunçy hökmünde hasaba alyndy.

- Çempionata gatnaşýan ýygyndylaryň oýunçylarynyň ortaça iň ýaşy Kot-d'Iwuaryň milli toparydyr. Afrikanyň wekiliniň oýunçylarynyň ortaça ýaşy 25-e deňdir. Alžirdir Bosniýa we Gersegowinanyň, Kanadanyň, Ekwadoryň, Gananyň, Marokkonyň, Norwegiýanyň, Senegalyň, Ispaniýanyň hem-de Tunisiň ýygyndylary ortaça 26 ýaş diýlip hasaba alyndy. Çempionatyň ortaça hasap bilen alnanda, iň ýaşuly toparlary Kolumbiýanyň, Eýranyň hem-de Panamanyň ýygyndylary bolup, ol 30-a deňdir.

- Çempionata gatnaşýan futbolçylaryň 855-si, ýagny 68,67 göterimi Ýewropanyň (UEFA) klublarynda çykyş edýär. Bu görkeziji boýunça Aziýa (AFK) 186 futbolçy (14,94 göterim) bilen 2-nji ýeri eýeleýär. Demirgazyk Amerikadan (KONKAKAF) 80, Günorta Amerikadan (KONMEBOL) 63, Afrikadan (KAF) 53 hem-de Okeaniýadan (OFK) 8 futbolçy çempionata gatnaşýar.

- Çempionatda çykyş etjek 48 ýygyndynyň köýnekçe hemaýatkärleri dürli-dürli bolup, 14 ýygyndy «Adidas», 12 ýygyndy «Nike», 11 ýygyndy «Puma», 2 ýygyndy hem «Kelme» kompaniýalarynyň köýnekçelerini geýer.